# Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk:

## Syýasy meseleleri boýunça gollanma



ÝHHG Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy **Aşgabatdaky Merkezi**

OSCE ODIHR

# Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk

## Syýasy meseleleri boýunça gollanma

Office for Democratic Institutions and Human Rights
OSCE ODIHR

ÝHHG-nyň Demokratik institutlary we adam hukuklary baradaky edarasy (DIAHE) tarapyndan neşir edildi
ul. Miodowa 10
00–251 Warşawa
Polşa

www.osce.org/odihr
© OSCE/ODIHR 2021

Ähli hukuklar goralan. Her gezek tekst göçürilip alnanda ÝHHG-nyň DIAHE-y çeşme hökmünde görkezilmegi şerti bilen, bu neşiriň mazmuny bilim we täjirçilik maksady bolmadyk beýleki maksatlaryň ählisi üçin erkin görnüşde köpeldilip we ulanylyp bilner.

ISBN 978-83-66089-78-5

Neşiriň sahabynyň we sahypalarynyň dizaýny: Homewor

Iç-içine örülen ýüpüň özara baglanyşygynyň suratlandyrylşy ýaly, neşiriň sahabynda şekillendirilen örme urgan hem, din ýa-da ynanç azatlygynyň hem-de howpsuzlygyň özara baglanyşygyny suratlandyrýar. Bu metafora neşir çapa taýýarlanylýan döwründe professor Brett Şarffs tarapyndan teklip edildi.

Centrum Poligrafii tarapyndan Polşada çap edildi

# Mazmuny

Minnetdarlyk ........ 4
Giriş ........ 5

**1. Adam hukuklary we ÝHHG tarapyndan kabul edilen toplumlaýyn howpsuzlyk konsepsiýasy ........ 9**

**2. Din ýa-da ynanç azatlygy babatynda ÝHHG-nyň borçnamalary we halkara standartlar ........ 12**

**3. Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk: ýol görkeziji ýörelgeler ........ 22**

**4. Din ýa-da ynanç azatlygyna hem-de howpsuzlyga degişli meseleler we maslahatlar ........ 31**

*4.1 Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri hasaba almak we hasaba almaklygy ret etmek we howpsuzlyk ........ 32*

*4.2 “Ekstremist” häsiýetli çykyşlar we edebiýat we howpsuzlyk ........ 41*

*4.3 Ybadat we ýygnak ýerlerinde barlag, gözegçilik hem-de agtaryş çäreleri we howpsuzlyk ........ 58*

*4.4. Öz diniňi kabul etdirmeklige we daşary ýurtlar bilen baglanyşygy bolan dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň işine çäklendirmeler ........ 69*

# Minnetdarlyk

Bu resminama hökümetiň wezipeli adamlarynyň, raýat jemgyýetçilik guramalarynyň, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň we ylmy jemgyýetiň wekilleriniň gatnaşmagynda dowamly maslahatlaşmalaryň netijesinde taýýarlanyldy. Bu neşiriň deslapky garalama nusgalary barada synlary we pikirleri toplamak üçin 2016-njy ýylyň oktýabry we 2018-nji ýylyň apreli aralygynda Almatada, Braýtonda (Beýik Britaniýa), Brýusselde, Kiýewde, Londonda, Ottawada, Wenada, Warşawada we Waşingtonda duşuşyklar geçirildi. Bu duşuşyklar köp ýurtlardan we dürli ugurlardan tejribeleri bolan jemi 165 sany (90 erkek we 75 zenan) bilermenleri bir ara getirdi. Biz bu duşuşyklara gatnaşan ähli bilermenlere öz minnetdarlygymyzy bildirýäris. Bu resminama taýýarlanylan döwründe DIAHE-nyň Din ýa-da ynanç azatlygy boýunça Bilermenler Geňeşiniň teklipleri hem ulanyldy.

Mundan başgada, bu resminamanyň taýýarlanylmagyna bilermenler Silwio Ferrari, Joell Fiss, Nazila Ganea, Sýuzen Kerr, Brett Şarffs, Jeroen Temperman, Asma Uddin, Marko Wentura we Maýkl Winer hem öz saldamly goşantlaryny goşdular.

Şeýle hem, DIAHE beren goldawlary we hyzmatdaşlyklary üçin Kaspi uniwersitetine; Ýewropanyň howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk komissiýasyna; Brigam Ýang uniwersitetiniň J.Ruben Klark adyndaky Hukuk fakultetiniň ýanyndaky Hukuk we dini öwreniş halkara merkezine; Taras Şewçenko adyndaky uniwersitetine, ABŞ-nyň dini azatlyk boýunça komissiýasyna we Sasseks uniwersitetine öz minnetdarlygyny bildirýär.

# Giriş

ÝHHG sebitindäki dinleriň we ynançlaryň köpdürliligi sebäpli döräp biläýjek kynçylyklar, şeýle hem, terrorizme alyp barýan[1] zorlukly ekstremizmiň we radikallaşmanyň döredýän howplary, pikir azatlygynyň, wyždanyň, diniň ýa-da ynanjyň[2] arasyndaky baglanyşyk baradaky meseläni we howpsuzlygy üpjün etmek zerurlygyny ýiti üns merkezine öwürdi.[3] ÝHHG-nyň agza döwletleri howpsuzlyk ugrunda hem-de din we ynanç azatlygyny üpjün etmek boýunça özleriniň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin amala aşyrýan çäreleriniň laýyklygyny gazanmak maksady bilen dürli strategiýalary ulanýarlar, ýöne käbir kanunlar, şeýle hem howpsuzlyk ugrunda amala aşyrylýan syýasy we amaly çäreler din ýa-da ynanç azatlygyna hem-de adam hukuklarynyň

---

1 ÝHHG terrorizme alyp barýan zorlukly ekstremizme we radikallaşmaklyga kesgitleme bermeýän hem bolsa, "terrorizme alyp barýan radikallaşmaklyga" "şahsyýetiň terrorçylykly zorlugyny ýaşaýşyň dogry nusgasy hökmünde kabul etmegine alyp barýan dinamiki proses" hökmünde garaýar. Netijede, bu şahsyýet, elbetde beýle ýagdaýyň bolmagy hökman däl, terrorizme goldaw bermek maksady bilen çykyş ýa-da hereket edip biler ýa-da terrorçylykly hereketlere gatnaşyp hem biler". Seret: Terrorizmiň öňüni almak we terrorizme alyp barýan zorlukly ekstremizme we radikallaşmaklyga garşy göreşmek: polisiýanyň ilat bilen bilelikde hereket etmegine esaslanýan çemeleşme (ÝHHG-nyň Demokratik institutlary we adam hukuklary baradaky edarasy), Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2014ý., sahypa 17. ÝHHG-nyň borçnamalaryna laýyklykda, terrorizm we zorlukly ekstremizm haýsam bolsa bir jyns, etniki topar, millet ýa-da din bilen baglanyşdyrylyp bilinmez we baglanyşdyrylmaly hem däldir. Bu barada Terrorizme garşy göreşmek boýunça Buharest meýilnamasynda (2001-nji ýyldaky Buharest resminamasy, 1-nji çözgüt, 3-nji bap); "Terrorizme alyp barýan zorlukly ekstremizmiň we radikallaşmagyň öňüni almak we olara garşy durmak" atly ÝHHG-nyň Ministrler geňeşiniň 4/15 belgili jarnamasynda (2015-nji ýylyň 4-nji dekabry, Belgrad); "Terrorizmiň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça ÝHHG-nyň tagallalaryny artdyrmak" atly ÝHHG-nyň Ministrler geňeşiniň 1/16 belgili jarnamasynda (2016-njy ýylyň 9-njy dekabry, Gamburg) bellenilip geçilýär.

2 Bu resminamada mundan beýläk gysgaldylan görnüş hökmünde "din ýa-da ynanç azatlygy" kesgitlemesi ulanylýar.

3 Din ýa-da ynanç azatlygynyň hem-de howpsuzlygyň arasynda özarabaglanyşygyň köp sanly wajyp jähtleri bar (mysal üçin, dini jemgyýetleriň ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň howpsuzlygy, şol sanda dine ýa-da ynanja bolan ýigrenç sebäpli jenaýat etmek), ýöne bu jähtler şu resminamanyň tematikasynyň çäginiň daşyndadyr.

esasyny düzýän beýleki hukuklaryna düýpli zor salýarlar. Şunuň ýaly çäreler, esasan hem eger olar giň gerimli ýa-da erkin görnüşde ulanylýan bolsa, köplenç halatlarda "milli", "döwlet" ýa-da "jemgyýetçilik" howpsuzlygy hatyrasyna ýa-da "parahatçylykda bile ýaşamagy", "sosial durnuklylygy" ýa-da "sosial sazlaşyklygy" üpjün etmek ýa-da gorap saklamak bähbitleri üçin ulanylýar. Emma tejribeden belli bolşy ýaly, şuňa meňzeş çäklendirmeler howpsuzlygy güýçlendirmegiň deregine, ony gowşadyp biler.

ÝHHG-nyň agza döwletleri öz sebitlerinde ýaşaýan ähli taraplaryň, toparlaryň we jemgyýetleriň hem-de öz ýurisdiksiýasyndaky ähli adamlaryň hukuklaryny goramaga borçludyrlar. Her bir adamyň şahsyýetine eldegirilmesizligine[4], şeýle hem din ýa-da ynanç azatlygyna hukugy bardyr. Agza döwletleriň ählisi bu hukuklaryň üpjün edilmegine jogapkärdirler we olaryň öz ýurisdiksiýasyndaky ähli taraplar üçin deň esasda amala aşyrylmagyny kepillendirmelidirler.

Şahsy eldegirilmesizlik hukugyny goramak, hormatlamak we üpjün etmek, döwletleriň taraplary, toparlary we jemgyýetleri jenaýatçylyk, zorluk we terrorizm ýaly howplardan goramak borjuny aňladýandyr.[5] Döwletler howpsuzlygyň ähli ölçeglerini göz öňünde tutmalydyrlar we toplumlaýyn hem-de hyzmatdaşlyga esaslanýan, ýagny howpsuzlygyň beýleki ölçegleriniň, şol sanda adam hukuklarynyň hasabyna, milli howpsuzlyga aşa zorluk salmaýan çemeleşmäni ulanmalydyrlar[6].

Şol bir wagtyň özünde, din ýa-da ynanç azatlygy hem-de howpsuzlyk baradaky häzirki zaman diskursy, köplenç halatlarda bu

4 BMG-niň Baş Assambleýasy, Adam hukuklaryň ählumumy jarnamasy, 1948-nji ýylyň 10-njy dekabry, 217 A(III) (mundan beýläk AHÄJ), 3-nji madda, https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/declarations/declhr.shtml.

5 ÝHHG-nyň çäginde kabul edilen köp sanly borçnamalara laýyklykda, agza döwletler terrorizme alyp barýan zorlukly ekstremizmiň we radikallaşmagyň öňüni almak we olara garşy göreşmek boýunça çäreleri amala aşyrmalydyrlar. Şol bir wagtyň özünde-de özleriniň halkara hukuk borçnamalarynyň, esasan hem, adam hukuklary we esasy azatlyklary ugrundaky borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidirler (seret: mysal üçin ÝHHG-nyň Ministrler geňeşiniň 4/15 belgili jarnamasy, 1-nji bellikde agzalyp geçilen ÝHHG-nyň Ministrler geňeşiniň 1/16 belgili jarnamasy)

6 ÝHHG tarapyndan kabul edilen Howpsuzlygyň toplumlaýyn konsepsiýasyna şu neşiriň 1-nji bölüminde garalýar.

gymmatlyklaryň arasynda deňagramlylygy üpjün etmäge çagyrýar ýa-da iň azyndan howpsuzlygy gazanmak üçin bu azatlygyň käbir jähtleriniň pida edilip bilinjekdigini çen edýär. Munuň ýaly diskurs, din ýa-da ynanç azatlygyny hem-de howpsuzlygy bäsdeş hukuklar hökmünde kabul etmeýän, eýsem olara deň derejede ýetip boljak, bir-birini dolduryan, bir-birine bagly we bir-birini berkidýän maksatlar hökmünde garaýan ÝHHG tarapyndan kabul edilen howpsuzlyga toplumlaýyn çemeleşmä ters gelýär. Adamyň beýleki hukuklary bilen bagly ýagdaýlardaky ýaly, din we ynanç azatlygyny doly derejede hormatlamak, goramak we ýerine ýetirmek üçin toplumlaýyn howpsuzlyk tertibi gerek. Şol bir wagtyň özünde, hökümet bilen ilatyň arasynda ynanyşmaklygyň emele gelmegi üçin deslapky şert bolan adam hukuklarynyň hormatlanylmagy doly derejede üpjün edilmese, durnukly howpsuzlyk mümkin däldir. Şunuň ýaly ynanyşmaklyk hökümetiň we onuň hyzmat edýän adamlarynyň gatnaşyklarynyň esasynda bolmalydyr. Şunuň ýaly ynanyşmaklyk ýola goýulmadyk halatynda, döwlet üçin demokratik jemgyýetiň howpsuzlygyny, goragyny we saklanylmagyny üpjün etmek boýunça öz borçnamalaryny netijeli ýerine ýetirmek kyn bolar.

ÝHHG-nyň Demokratik institutlary we adam hukuklary baradaky edarasy “Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk: syýasy meseleler boýunça gollanma” atly kitabyny, ÝHHG tarapyndan kabul edilen parahatçylygyň we howpsuzlygyň toplumlaýyn konsepsiýasynyň nukdaýnazaryndan din azatlygynyň we howpsuzlygyň arasynda özara baglanyşygy aýdyňlaşdyrmak maksady bilen neşir etdi. Mundan başgada, bu neşirde ÝHHG-nyň borçnamalarynda, şeýle hem halkara we sebitleýin standartlarda berkidilen din ýa-da ynanç azatlygynyň tebigaty, statusy we hereket edýän çäkleri barada düşünje berilýär. Galybersede, bu neşirde ÝHHG sebitinde din ýa-da ynanç azatlygynyň hem-de howpsuzlygyň birleşýän nokadynda käbir wajyp meseleleriň çözgüdini tapmak üçin ýol görkeziji ýörelgeler, amaly görkezmeler we maslahatlar beýan edilýär. Bu gollanma ilkinji nobatda howpsuzlyk pudagynda kanunlary, syýasy çäreleri we strategiýalary taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça jogapkär syýasat düzüjileri üçin we olara howpsuzlyga degişli düzgünnamalaryň döwletiň borçlaryna we uniwersal adam hukuklaryna degişli halkara borçnamalaryna laýyklygyny üpjün etmekde kömek bermek üçin niýetlenendir.

Bu ugurda uzak möhletli çözgütleri tapmaklyk, hökümetiň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynda toplumlaýyn çemeleşmäniň bolmagyny talap edýär. Şu nukdaýnazardan, bu gollanma raýat jemgyýetçilik guramalary (esasan hem adam hukuklary, çydamlylyk we kemsidilmezlik meseleleri ugrunda iş alyp barýanlar), dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri, milli adam hukuklary institutlary, ylmy jemgyýetleri, bilim hünärmenleri we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin niýetlenendir. Hiç bir dini jemgyýet ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýet howply gurşawda ýaşap we ösüp bilmez, şol sebäpden bu jemgyýetleriň ählisi tutuş jemgyýetde howpsuzlygyň berkidilmegine gyzyklanma bildirýärler. Adamlaryň bilelikde ýaşamagy we umumy bähbitleri barada oňyn garaýşy emele getirmek arkaly, olar sosial jebisleşmäniň we durnukly toplumlaýyn howpsuzlygyň berkidilmegi üçin umumy jemgyýetiň tagallalaryna ýardam berip bilerler. Şunuň bilen baglylykda, bu gollanmadaky käbir maslahatlar hem döwlete degişli hem-de döwlete degişli däl subýektler üçin niýetlenendir.

Bu gollanmada garalýan standartlaryň ählisi ÝHHG sebitinde ulanylýandyr, emma bu standartlaryň hemmesi agza döwletler üçin hökmany ýerine ýetirilmäge degişli däldir. Gürrüň, esasanda, ÝHHG-nyň ynsanperwer ölçegine degişli borçnamalarynda beýan edilen standartlar barada gidýär.

Şeýle hem, bu resminamada hökmany ýuridiki güýji bolmadyk standartlar hem beýan edilendir. Bu standartlar ÝHHG-nyň borçnamalarynyň we halkara standartlaryň düýp esasynda bolan ýörelgeleri aýdyňlaşdyrýanlygy we ösdürýänligi üçin bu ýerde beýan edilendir.

# 1. Adam hukuklary we ÝHHG tarapyndan kabul edilen toplumlaýyn howpsuzlyk konsepsiýasy

ÝHHG-nyň nukdaýnazaryndan howpsuzlyk bu giňişleýin, hyzmatdaş, deň, bölünmeýän we adam hukuklary bilen berk bagly düşünje hökmünde kabul edilýär. ÝHHG-nyň howpsuzlyga toplumlaýyn çemeleşmesiniň bir-birini dolduryan üç sany ölçeginiň (harby-syýasy, ykdysady-ekologiki we ynsanperwer) her biri wajyplygy boýunça beýlekiler bilen deň derejede görülýär.

Din ýa-da ynanç azatlygy, ÝHHG-nyň agza döwletleriniň arasyndaky özara gatnaşyklaryny kesgitleýän esasy ýörelgeleriň biri hem-de ÝHHG tarapyndan kabul edilen howpsuzlyk konsepsiýasynyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde hasaplanýar.[7] Mysal üçin, Ministrler Geňeşiniň pikiriň, wyždanyň, diniň ýa-da ynanjyň azatlygy barada Kiýewde kabul eden çözgüdinde, “howpsuzlygyň we pikir, wyždan, din ýa-da ynanç azatlygyna doly derejede hormat goýmaklygyň arasyndaky baglanyşygy” aýratyn bellenilip geçilýär.[8]

Şunuň bilen baglylykda, parahatçylygyň hem-de howpsuzlygyň üpjün edilmegine kömek edýän din ýa-da ynanç azatlygynyň, beýleki adam hukuklary ýaly, adamlarda bar bolan dürli ynançlaryň talabalaýyk

7 Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk konferensiýasynyň Jemleýji namasy, ÝHHG, 1974, https://www.osce.org/helsinki-final-act?download=true. (mundan beýläk “Helsinkidäki jemleýji nama 1975”).

8 ÝHHG-nyň Ministrler geňeşi, 3/13 belgili çözgüdi, “Pikiriň, wyždanyň, diniň we ynançlaryň azatlygy”, Kiýew, 2013-nji ýylyň 6-njy dekabry, 6-njy madda (mundan beýläk, “Kiýew MG Çözgüdi 3/13”).

kabul edilmegine we her bir aýry şahsyýetiň “öz wyždanynyň buýurmagyna görä özbaşdak ýa-da beýlekiler bilen bilelikde dine ýa-da ynanja uýmak” mümkinçiligine esaslanýandygyny belläp geçmek gerek.[9] Din ýa-da ynanç azatlygy her bir adamyň esasy zerurlygy bolan, başgaça aýdanymyzda dünýägaraýyş hukugynyň goragyny üpjün etmäge kömek etmek bilen çäklenmän, eýsem dürli garaýyşlaryň beýan edilmegi bilen baglylykda jemgyýete peýda getirýär.

Adam hukuklary, şol sanda din ýa-da ynanç azatlygy jemgyýetiň gülläp ösmegi üçin örän wajypdyr we şunuň bilen baglylykda, dawalara we zorluk salmalara jogap hökmündäki çäreleriň ählisinde, şeýle çäreleriň dawalaryň we zorluk salmalaryň sebäbini aýyrmak, pidalary goramak ýa-da netijeleri ýumşatmak üçin gönükdirilendigine ýa-da däldigine garamazdan, doly derejede göz öňünde tutulmalydyr. Şeýlelikde, adam hukuklarynyň hem-de howpsuzlyk çäreleriniň ikisi hem bir maksada gönükdirilendir. Din ýa-da ynanç azatlygy, dürli dinlere we ynançlara uýýan adamlaryň arasynda özara sylanyşygyň, ynanyşmaklygyň, düşünişmekligiň we deňligiň üpjün edilmegine ýardam edýär. Netijede, ol jemgyýetleriň üstüne abanýan howplara garşy durmakda has durnukly bolmagyna ýardam berýär.

Din ýa-da ynanç azatlygy meselesinde ÝHHG-nyň borçnamalarynyň we halkara standartlaryň doly ýerine ýetirilmegi, hemmetaraplaýyn we durnukly howpsuzlyk ugrunda, esasan hem sosial-ykdysady ösüş we parahatçylyk ugrunda birnäçe artykmaçlyklary berýär.[10] Din ýa-da ynanç azatlygy, dürli dinlere we beýleki ynançlara uýýan adamlaryň oňun serişdeleriniň jemgyýetiň bähbitleri we ösüşi üçin çekilmeginiň usulydyr. Şeýlelik bilen, din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň esassyz çäklendirilmegi, hem azatlygy hem-de howpsuzlygy üpjün edýän sosial

---

9 7-nji bellikde agzalyp geçilen Helsinkidäki jemleýji nama 1975.

10 Barlag işini alyp baryjylaryň birnäçesi din ýa-da ynanç azatlygynyň, jemgyýetiň sazlaşykly durmuşynyň we ykdysady ösüşiň arasynda arabaglanyşygyň bardygyny belläp geçýärler. Seret mysal üçin: Grim, B. & Finke, R., The Price of Freedom Denied:Religious Persecution and Conflict in the 21st Century [Gadagan edilen azatlygyň bahasy: 21-nji asyrda dini yzarlamalar we dawalar], New York, Cambridge University Press, 2011; Grim, B. Clark, G. & Snyder, R.E., Is Religious Freedom Good for Business? (A Conceptual and Empirical Analysis) [Täjirçilik üçin dini azatlyk peýdalymy? (Konseptual-empirik seljerme)], Interdisciplinary Journal of Research on Religion, Vol. 10, No. (4), 2014.

ulgamyny döretmek ugrunda bu hukugyň mümkinçilikleriniň doly derejede ýerine ýetirilmegine päsgel berýär.

Din ýa-da ynanç azatlygy we erkekleriň hem-de zenanlaryň deňligi, adam hukuklarynyň şol bir bitewi ulgamyna degişlidir.[11] Toplumlaýyn howpsuzlyk erkekleriň we zenanlaryň öz din ýa-da ynanç azatlygy hukugyny deň derejede amala aşyrmaga mümkinçilikleriniň bolmagyny göz özünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, ÝHHG-nyň agza döwletleriniň ählisi “zenanlaryň öz adam hukuklaryny doly we deň derejede amala aşyryp bilmegi, ÝHHG sebitinde parahatçylygyň, demokratiýanyň we ösüşiň berkidilmeginde örän wajyp orny eýeleýändir”[12] we “ÝHHG sebitinde parahatçylyk ... howpsuzlyk we durnuklylyk üçin hem zenanlaryň hem-de erkekleriň bilimi, hünärleri we tejribeleri gerekdir”[13] diýen netije bilen ylalaşdylar. Bu mesele ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň gender deňligi baradaky kararlarynda öz ösüşini dowam etdirdi.[14] Din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň kemsidilmeginiň erkeklere we aýallara ýetirýän täsiriniň dürli bolup biljekdigini göz öňünde tutup, din ýa-da ynanç kemsitmelerine garşy alnyp barylýan göreş bilen birlikde gender esasynda kemsitmelerine hem garşy göreş alyp barmak wajypdyr.[15]

---

11 Wena Jarnamasy we işleriň meýilnamasy, BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň müdiriýeti, 1993-nji ýylyň 25-nji iýuny. m. 5, https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/declarations/viendec93.shtml. Jarnama “adam hukuklarynyň ählisi uniwersal, bölünmez, özaragaraşly we özara baglanyşyklydyr” diýip belläp geçýär.

12 Stambul resminamasy: Ýewropa howpsuzlygynyň hartiýasy, 1999 (mundan beýläk – Stambul resminamasy 1999ý.) https://www.osce.org/ru/mc/39573?download=true.

13 ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 13-nji duşuşygynyň resminamasy, Lýublýana, 2005 (mundan beýläk – Lýublýana resminamasy 2005ý.) https://www.osce.org/ru/mc/18782?download=true.

14 Seret: ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 14/05 belgili çözgüdi “Dawalaryň öňüni almakda, krizisleri dolandyrmakda we dawalardan soňky dikeldiş işlerinde zenanlaryň orny” Lýublýana, 2005ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 15/05 belgili çözgüdi “Zenanlar babatynda zorluk salmalara ýol bermezlik we öňüni almak”, Lýublýana, 2005ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 7/09 belgili çözgüdi “Zenanlaryň syýasy we jemgyýetçilik işine gatnaşmagy”, Afiny, 2009ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 10/11 belgili çözgüdi “Ykdysadyýet pudagynda zenanlaryň deň mümkinçiliklerini üpjün etmek”, Wilnýus, 2011.

15 Bu tezis howpsuzlyk ulgamynda kabul edilýän çärelerinde, syýasatlarynda we tejribelerinde gender seljermesiniň we din ýa-da ynanç azatlygyny üpjün etmekde gender faktoryny göz öňünde tutýan çemeleşmeleriň ÝHHG-nyň agza döwletleri tarapyndan integrirlenmeginiň wajyplygyny belläp geçýär. 2004-nji ýylda kabul edilen

# 2. Din ýa-da ynanç azatlygy babatynda ÝHHG-nyň borçnamalary we halkara standartlar

Din ýa-da ynanç azatlygy şahsy, toparlaýyn, institusional, bilim we aragatnaşyk ýaly ölçegleri öz içine alýan köp taraplaýyn adam hukugy bolup durýandyr we ÝHHG-nyň borçnamalarynda[16] hem-de halkara

ÝHHG-nyň gender deňligine goldaw bermek boýunça iş meýilnamasy gender deňligini gazanmak üçin maksatnamalarda we taslamalarda gender jähtlerini netijeli hasaba almaklygy nygtaýar. Antisemitizm niýetli jenaýatlaryň erkeklere we zenanlara edýän täsiriniň dürlüliginiň we onuň bilen baglanyşykly howpsuzlyk meseleleriniň seljermesi seret: Antisemitizm niýetli jenaýatlaryň manysyna düşünmek we howpsuzlyk babatynda ýewreý jemgyýetleriniň zerurlyklaryny üpjün etmek: iş gollanmasy, Warşawa, DIAHE, 2018, s. 16–18, https://www.osce.org/odihr/317166.

16 7-nji bellikde bellenilip geçilen Helsinki Jemleýji resminamasy 1975ý.; Indiki ediljek ädimlere degişli Jemleýji namanyň düzgünleriniň esasynda üçünji mejlisiň Ahyrky resminamasy, Wena, 1986-njy ýylyň 4-nji noýabry, ÝHHG (mundan beýläk – Wena resminamasy 1989ý.); ÝHHM-nyň Ynsanperwer ölçegi boýunça maslahatynyň Kopengagen ýygnagynyň Resminamasy (mundan beýläk – Kopengagen resminamasy 1990ý.); Täze Ýewropa üçin Pariž hartiýasy, 1990, ÝHHG (mundan beýläk – Pariž hartiýasy 1990ý.); Budapeşt resminamasy "Täze eýýamda hakyky hyzmatdaşlyk ýolunda" (ýokary derejeli duşuşygyň Jarnamasy), 1994 (mundan beýläk – Budapeşt resminamasy 1994ý.); 12-nji bellikde bellenip geçilen Stambul resminamasy 1999ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on birinji duşuşygynyň Resminamasy, Maastriht, 2003 (mundan beýläk – Maastriht resminamasy 2003ý.); ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on ikinji duşuşygynyň Resminamasy, Sofiýa, 2004 (mundan beýläk – Sofiýa resminamasy 2004ý.); 13-nji bellikde bellenip geçilen Lýublýana resminamasy 2005ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on dördünji duşuşygynyň Resminamasy, Brýussel, 2006 (mundan beýläk – Brýussel resminamasy 2006ý.); ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on bäşinji duşuşygynyň Resminamasy, Madrid, 2007 (mundan beýläk – Madrid resminamasy 2007ý.); ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on altynjy duşuşygynyň Resminamasy, Helsinki, 2008 (mundan beýläk – Helsinki resminamasy 2008ý.); ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň on ýedinji duşuşygynyň Resminamasy, Afiny, 2009 (mundan beýläk – Afiny resminamasy 2009ý.); Astana ýubileý jarnamasy 2010ý.; ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň ýigriminji duşuşygynyň Resminamasy, Kiýew, 2013 (mundan beýläk – Kiýew resminamasy 2013ý.).

we sebitleýin standartlarynda[17] görnetin ykrar edilýändir. Bu standartlarda birnäçe esasy ýörelgeler, ýagny din ýa-da ynanç azatlygyndan peýdalanmak, şol sanda agzalyp geçilen azatlygyň hukuk hökmünde ynanýandygyna ýa-da ynanmaýandygyna, erkekdigine ýa-da zenandygyna garamazdan ähli ynsanlara degişlidigi[18], şeýle hem her bir adamyň öz dinine we ynançlaryna ynanmakda we olara laýyklykda özbaşdak ýa-da başgalar bilen bile, köpçülikde ýa-da aýratyn, ybadat etmek, öwretmek, wagyz etmek we däp-dessurlary ýerine ýetirmek[19] arkaly hereket etmekde azatdygy beýan edilendir. Bu resminamada başgalar bilen birlikde jemgyýet içinde özleriniň din ýa-da ynanç azalygyndan peýdalanýan şahsyýetler "dini ýa-da ynanç jemgyýetleri" adalgasy bilen bellenilýändir.[20]

Din ýa-da ynanç azatlygyny özbaşdak ýa-da köpçülikde, hususy tertipde ýa-da aç-açanlykda amala aşyryp bilmegi adamyň eldegrilmesiz hukugydyr. Şu sebäpden hem munuň üçin döwletiň rugsady gerek däldir.[21] Din ýa-da ynanç azatlygynyň kadalaşdyryjy statusy, onuň Raýat

17 BMG-nyň Baş Assambleýasy, Raýat we syýasy hukuklar barada halkara şertnama, 16-njy dekabr 1966ý., Birleşen Milletler Guramasy, Şertnamalaryň ýygyndysy, j. 999, s. 177 (mundan beýläk – RSHHŞ), 18-nji madda, https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/pactpol.shtml; Ýewropa Geňeşi, Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramak barada Ýewropa konwensiýasy, 11 we 14 belgili teswirnamalara laýyklykda girizilen üýtgeşmeler bilen, 4-nji dekabr 1950ý., (mundan beýläk – AHÝK), 9-njy madda, https://www.echr.coe.int/Documents/Convention_RUS.pdf; Amerikan Döwletleriniň Guramasy (ADG), Adam hukuklary barada Amerikan konwensiýasy (San-Hose şertnamasy (Kosta-Rika)), 22-nji noýabr 1969ý., (mundan beýläk – AHAK), 12-nji madda, http://www.oas.org/dil/treaties_B-32_American_Convention_on_Human_Rights.htm; Ýewropa Bileleşigi, Esasy hukuklar barada Ýewropa Bileleşiginiň Hartiýasy, 26-njy oktýabr 2012ý., 2012/S 326/02, 10-njy madda, https://eulaw.ru/treaties/charter/.

18 Seret: Din azatlygynyň teistiki, teistiki däl we ateistiki ynançlary, şeýle hem hiç haýsy dine ýa-da ynanja uýmazlyk azatlygyny öz içine alýandygyny düşündirýän, Umumy tertibiň bellikleri №22 (BMG-nyň Adam hukuklary boýunça Komiteti, UN Doc. CCPR/C21/Rev.1/Add.4), b. 2 (mundan beýläk – Umumy tertibiň bellikleri №22).

19 RSHHŞ, 18(1)-nji madda; AHÝK, 9(1)-nji madda; AHAK, 12(1)-nji madda; 16-njy bellikde bellenip geçilen Wena resminamasy 1989; 16-njy bellikde bellenip geçilen Kopengagen resminamasy 1990, b.9.4.

20 Dini jemgyýetleriň we belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň hukuk subýektliligi babatynda gollanma, ÝHHG-nyň DIAHE we Wenesiýa komissiýasy, b.11, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2015, https://www.osce.org/odihr/139046.

21 Ýene-de şol ýerde, b. 13, 17 we 39. Şeýlede seret: Metropolitan Church of Bessarabia v. Moldova [Bessarab mitropoliýasy Moldowa garşy], Adam hukulary boýunça Ýewropa kazyýeti (45701/99 belgili ýüzlenme, 2001-nji ýylyň 13-nji dekabryndaky çözgüt), b.

we syýasy hukuklar baradaky halkara şertnamasynyň (RSHHŞ) 4(2)-nji maddasyna laýyklykda, absolýutdygy we gaýtarylmasyzdygy fakty bilen aýratyn bellenilip geçilýär. Bu bolsa, hatda döwletiň ýok bolmagyna abanýan howp sebäpli yglan edilen adatdan daşary ýagdaý hem RSHHŞ-nyň 18-nji maddasynda agzalan borçnamalaryny ýerine ýetirmekden döwletiň boýun gaçyrmagyna sebäp bolmaly däldigini aňladýar.[22]

Adam hukuklary baradaky halkara kanuna laýyklykda, döwletler öz ýurisdiksiýasynyň çäklerindäki ähli şahsyýetleriň we dini jemgyýetleriň ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň din ýa-da ynanç azatlyklarynyň bitarap kepillendirijisi hökmünde hereket etmäge borçludyrlar. Bu borçnama diňe bir ýurduň raýatlaryna we ýaşaýjylaryna degişli bolmak bilen çäklenmän, eýsem gaçybatalga gözleýänlere, migrantlara, bosgunlara we raýatlygy bolmadyk adamlara hem deň derejede degişlidir.

Din ýa-da ynanç azatlygynyň ulanylmaly çäklerini kesgitlemegiň başlangyç nokady dinleriň we ynançlaryň öz-özlerini kesgitlemegi bolmalydyr, emma belläp geçmeli zadymyz, belli bir ýagdaýda bu düşünjeleriň ulanylyp bilinjekdigini kesgitlemek üçin döwlet edaralarynyň käbir obýektiw, formal bahalandyrmalaryny ulanmak boýunça belli bir ygtyýarlyklary bardyr.[23] Dinleriň we ynançlaryň ägirt uly dürlüligi bardyr[24] hem-de "din" we "ynançlar" adalgalarynyň manylary

---

128–130; din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça Ýörite Hasabatçysy Haýner Bilefeldiň hasabaty, BMG-nyň Baş Assambleýasy, UN Doc.A/HRC/19/60, 22-nji dekabr 2011ý., b. 25 we 41, https://www.ohchr.org/Documents/HRBodies/HRCouncil/RegularSession/Session19/A-HRC-19-60_en.pdf.

22 Seret: *Din we ynanç kanunçylygyny gözden geçirmek boýunça görkezmeler*, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2005, http://www.osce.org/odihr/13993, s. 22.

23 Şahsyýetiň garaýyşlarynyň din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň hereket edýän çäklerinde bolmagy üçin, olaryň "belli bir ynandyryjylyk, çynlakaýlyk, yzygiderlilik we manylylyk derejesi" bolmalydyr diýip, Adam hukuklary boýunça Ýewropanyň kazyýeti kesgitledi (Campbell and Cosans v United Kingdom [Kempbell we Kozans Beýik Britaniýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropanyň kazyýeti, № 75111/76 и № 7743/76 belgili ýüzlenmeler, 1982-nji ýylyň 25-nji fewralyndaky çözgüt).

24 Seret: The Study of Discrimination in the Matter of Religious Rights and Practices by the Special Rapporteur of the Sub-Commission on Prevention of Discrimination and Protection of Minorities [Azlyklaryň kemsidilmeginiň öňüni almak we goramak boýunça aşaky komissiýanyň Ýörite hasabatçysynyň Dini hukuklaryň we işleriň kemsidilmegi babatynda gözlegi], BMG, UN Doc. E/CN.4/Sub.2/200/Rev.1, b. 1,

giňdir[25]. Din ýa-da ynanç azatlygy diňe bir adaty ýa-da uly dinlere we ynançlara degişli däldir; şeýlede bu hukuk öz institusion häsiýetleri we işleýşi bilen adaty dinlere meňzeşligi bolan dinler ýa-da ynandyrma ulgamlary bilen hem çäklenmeýär[26]. Din ýa-da ynanç azatlygy hukugy teistiki, teistiki däl we ateistiki ynançlaryň tarapdarlaryny goraýar, şeýle hem hiç haýsy dine ýa-da ynanja uýmazlyk hukugyny hem öz içine alýar[27]. Bu täze döredilen dini jemgyýetleriň ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň, şeýle hem dini azlyklaryň, agdyklyk edýän dini jemgyýetiň peýdalanýan goragyndan peýdalanyp bilmelidigini aňladýar[28].

---

https://undocs.org/E/CN.4/Sub.2/200/Rev.1. Onda şeýle diýilýär, "din" düşünjesine kesgitleme bermek kyn bolandygy üçin, şu gözlegde "din ýa-da ynançlar" diýen adalgasy dürli teistiki dini ynançlaryny, şeýle hem agnostisizm, erkin pikirlenme, ateizm we rasionalizm ýaly ynançlary hem öz içine alýar".

25 21-nji bellikde bellenip geçilen, Din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça Ýörite Hasabatçysy Haýner Bilefeldiň hasabaty, b. 38.

26 18-nji bellikde bellenip geçilen, Umumy tertibiň bellikleri №22, b. 2; Joint Opinion on the Draft Law on Freedoms of Conscience and Religion and on the Laws Making Amendments and Supplements to the Criminal Code, the Administrative Offences Code and the Law on the Relations between the Republic of Armenia and the Holy Armenian Apostolic Church of the Republic of Armenia [Din wyždany we dini guramalar hakyndaky Kanunyň taslamasy we Jenaýat kodeksine düzedişleri we goşmaçalary girizmek boýunça kanun, Administratiw düzgün bozmalary hakynda Kodeks we Ermenistan Respublikasy we Ermenistan Respublikasynyň Keramatly ermeni apostol buthanasy arasyndaky gatnaşyklar hakynda Kanun boýunça bilelikdäki çözgüt], b. 22–24; Interim Joint Opinion on the Law on Making Amendments and Supplements to the Law on Freedom of Conscience and Religious Organizations and on the Laws on Amending the Criminal Code; the Administrative Offences Code and the Law on Charity of the Republic of Armenia [Wyždan we dini guramalaryň azatlygy hakyndaky Kanunyna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizmek hakynda Kanuna we Jenaýat Kodeksine, Administratiw düzgün bozmalary hakyndaky Kodekse we Ermenistan Respublikasynda haýyr sahawat hakynda Kanuna üýtgeşmeler girizmek hakynda Kanunlar boýunça deslapky bilelikdäki çözgüt], ÝHHG-nyň DIAHE we Wenesiýa komissiýasy, CDL-AD (2010) 054, 22-nji dekabr 2010ý., b.43, http://www.venice.coe.int/webforms/documents/?pdf=CDL-AD(2010)054-e (mundan beýläk – Ermenistan barada bilelikdäki çözgüt); Grzelak v Poland [Gželýäk Polşa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropanyň kazyýeti (№7710/02 belgili ýüzlenme, 2010-njy ýylyň 15-nji iýunyndaky çözgüt), b. 85; Kokkinakis v Greece [Kokkinakis Gresiýa garşy] Adam hukuklary boýunça Ýewropanyň kazyýeti (№14307/88 belgili ýüzlenme, 1993-nji ýylyň 15-nji maýyndaky çözgüt), b. 31; Buscarini and Others v. San Marino [Buskarini we beýlekiler San-Marino garşy] Adam hukuklary boýunça Ýewropanyň kazyýeti (№24645/94 belgili ýüzlenme, 1999-njy ýylyň 18-nji fewralyndaky çözgüt), b. 34.

27 18-nji bellikde bellenip geçilen, Umumy tertibiň bellikleri, b.2; 26-njy bellikde bellenip geçilen, Ermenistan boýunça bilelikdäki çözgüt, b. 46–47

28 18-nji bellikde bellenip geçilişi ýaly, BMG-nyň Adama hukuklary boýunça komiteti duýdurýar: "haýsam bolsa bir diniň döwlet dini diýip kabul edilen bolmagy, ýa- da ol

Din ýa-da ynanç azatlygy adam hukuklarynyň has giň ulgamynyň bir bölegidir we pikirleriňi beýan etmek erkinligi[29], ýygnanyşmak we birleşmeler erkinligi[30] we kemsidilmekden azat bolmak hukugy ýaly uniwersal adam hukuklary we esasy azatlyklary bilen örän ýakyndan baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, ÝHHG-nyň Kiýewde geçirilen Ministrler Geňeşi "pikiriň, wyždanyň, diniň we ynançlaryň hem-de beýleki ähli adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň özara garaşly, özara baglanyşykly we özara goldaýjy häsiýetlerini"[31] aýratyn belläp geçdi.

Din ýa-da ynanç babatynda içerki azatlyk düşünjesi (forum internum) din ýa-da ynanç hukugynyň içerki ölçegine degişlidir, ýagny, öz islegiň boýunça dini ýa-da ynanjy kabul etmek azatlygy, şol sanda dini ýa-da ynanjy çalyşmak hukugyny hem öz içine alýar.[32] Dine uýmak, ony kabul etmek ýa-da çalyşmak içerki azatlygy RSHHŞ-nyň 18-nji maddasynda we Adam hukuklary baradaky Ýewropa konwensiýasynyň (AHÝK) 9-njy maddasynda agzalýan çäklendiriji şertlere degişli däl bolandygy üçin içerki azatlyk absolýut goragdan peýdalanýandyr.[33]

Din ýa-da ynanç azatlygynyň daşky görkezilşini düzýän dine ýa-da ynanja uýmak azatlygynyň (forum externum) hereket edýän çägi giňdir.

---

resmi ýa-da adaty diýlip yglan edilen bolmagy, ýa-da oňa uýýanlar ilatyň aglaba bölegini düzýän bolmagy, beýleki dinlere ýa-da ynançlara uýýanlaryň kemsidilmegini aklamaýar".

29 Din ýa-da ynanç azatlygy hukugy bilen pikirleriň azatlygy we olary erkin beýan etmek hukugynyň arasyndaky baglanyşygyň jikme-jik seljermesi "Din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça BMG-nyň Ýörite hasabatçysynyň hasabaty" atly resminamasynda berlendir, BMG-nyň Baş Assambleýasy, UN Doc. A/HRC/31/18, 23-nji dekabr 2015ý., https://undocs.org/A/HRC/31/18.

30 *Parahatçylykly ýygnanyşmalaryň azatlygy boýunça gollanma, ÝHHG-nyň DIAHE we Wenesiýa Komissiýasy*, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2011, 2-nji neşir, https://www.osce.org/odihr/73405; Birleşmeleriň azatlygy boýunça gollanma, ÝHHG-nyň DIAHE we Wenesiýa Komissiýasy, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2016, https://www.osce.org/odihr/132371.

31 Kiýew Ministrler Geňeşiniň Karary, https://www.osce.org/ru/mc/109797?download=true.

32 AHÝK, 9(1)-nji madda; 16-njy bellikde bellenip geçilen Kopengagen resminamasy 1990, b. 9.4; Kiýew resminamasy 2013ý., AHÄJ, 180-nji madda. RSHHŞ barada BMG-nyň Adam hukuklary boýunça Komiteti özüniň 22 belgili Umumy tertipdäki belliginde 18-nji maddanyň düzgünlerini öz diniňi ýa-da ynanjyňy çalyşmak azatlygyny göz öňünde tutýan hökmünde beýan etdi.

33 AHAK-nyň 12(2)-nji maddasy edil şonuň ýaly goragy üpjün edýär. 18-nji bellikde bellenip geçilen 22 belgili Umumy tertipdäki belligiň 3-nji paragrafy.

ÝHHG-nyň çarçuwasynyň çäklerinde kabul edilen borçnamalar hem-de halkara we sebitleýin standartlar aýratyn şahsyýetleriň ýa-da jemgyýetleriň dine ýa-da ynanja uýmaklarynyň dürli görnüşlerini goraýar. Dine ýa-da ynanja uýmak azatlygy ilkinji nobatda, uýulýan dine ýa-da ynançlaryň ulgamyna ybadat etmek we ony öwretmek, dini ulanmak we adatlary (ýöne diňe munuň bilen çäklenmän) berjaý etmek azatlyklaryny göz öňünde tutýar.[34] Dine ýa-da ynanja uýmagyň dürli görnüşleriniň arasynda örän ähmiýetli gabat gelýän ýerleri bolup biler. Din ýa-da ynanç azatlygynyň görkezilmeleri ÝHHG-nyň 1989-njy ýyldaky Wena resminamasynda jikme-jik beýan edilendir, hususanda bu hukugyň toparlaýyn, jemgyýetleýin ölçeglerine degişlilikde.[35]

Dine ýa-da ynanja uýmak azatlygynda käbir çäklendirmelere ýol berilýär[36] we olaryň anyk häsiýetnamalary bardyr. Şonuň ýaly çäklendirmeler çürt-kesik esaslandyrylan bolmaly we islendik çäklendirmeleri esaslandyrmagyň ýükleri elmydama döwletiň üstüne ýüklenilmelidir. Her bir çäklendirme, ähli adamlaryň öz din ýa-da ynanç azatlygy hukugyndan peýdalanmak meselesinde azat bolmalydygyny nygtaýan hukukdan çäkli görnüşdäki kadadan çykma bolup durýar. ÝHHG-nyň çäklerinde kabul edilen borçnamalar din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň hiç bir çäklendirmelere degişli däldigini göz öňünde tutýar. Muňa kanunda göz öňünde tutulan hem-de halkara hukugyna we agza ýurtlaryň halkara borçnamalaryna laýyklykda özleriniň borçlaryna girmeýän çäklendirmeler degişli däldir.[37]

---

34 22 belgili Umumy tertibiň belliginde (18-nji bellikde bellenip geçilen) dine ýa-da ynanja uýmagyň azatlygy jikme-jik beýan edilen.

35 16-njy bellikde bellenip geçilen Wena resminamasynda 1989ý., din ýa-da ynanç azatlygyny görkezmegiň doly sanawy berlen. Onda dini birleşmeleriň ybadat edilýän ýa-da ýygnak geçirilýän ýerlerini esaslandyrmak we saklamak, öz iýerarhiýa we institusion gurluşyna görä öz-özüni guramak, öz işgärlerini saýlap almak, bellemek we çalyşmak, şeýle hem maliýe we beýleki görnüşdäki haýyr-sahawatlary soramak we almak hukugyny göz öňünde tutýar.

36 Çäklendirmeler kadadan çykmalardan düýpgöter tapawutlydyr we kadadan çykmalara rugsat berilmeýär.

37 16-njy bellikde bellenip geçilen Wena resminamasy 1989ý., b.17, 16-njy bellikde bellenip geçilen Kopengagen resminamasy 1990ý., b.9.4. Şeýle hem seret: 8-nji bellikde bellenip geçilen ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 3/13 belgili çözgüdi.

Adam hukuklarynyň halkara kanunyna laýyklykda öz diniňe ýa-da ynanjyňa uýmak azatlygynyň çäklendirilmegine ýol bermek üçin, bu çäklendirme şu aşakdaky şertleriň ählisine gabat gelmelidir:

a. Çäklendirme kanunda göz öňünde tutulan bolmaly;[38]

b. Çäklendirme jemgyýetiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, köpçüligiň saglygyny we ahlak düzgünlerini ýa-da başgalaryň esasy azatlyklaryny we hukuklaryny goramagy maksat edinýän bolmaly;[39]

c. Çäklendirme şu maksatlaryň haýsy hem bolsa birine ýetmek üçin zerurdyr we şol maksada deň bolmalydyr;[40] we

d. Çäklendirme kemsitmek maksatlary üçin girizilýän däldir ýa-da kemsidiji görnüşinde amala aşyrylmaly däldir.[41]

Din ýa-da ynanç azatlygynyň adamyň eldegrilmesiz hukugydygyny göz öňünde tutup, bolup biläýjek çäklendirmeleriň kriteriýleriniň seresaplylyk we ýerlikli ulanylmagy örän möhümdir. Döwlet tarapyndan girizilýän çäklendirmeler mümkin boldugyça az päsgelçilik döretmeli we diňe iň soňky çäre hökmünde ulanylmaly. Ýol berilýän çäklendirmeleriň degişli hereket ediş çäkleri düşündirilende, döwletler halkara kanun tarapyndan kepillendirilen azatlygyň doly goragyny üpjün

38 RSHHŞ, 18(3)-nji madda; AHÝK, 9(2)-nji madda; AHAK, 12(3)-nji madda; 16-njy bellikde bellenip geçilen Wena resminamasy 1989ý.; 16-njy bellikde bellenip geçilen Kopengagen resminamasy 1990ý., b. 9.4.

39 RSHHŞ, 18(3)-nji madda; AHÝK, 9(2)-nji madda, onda çäklendirmeler üçin esaslaryň sanawy düzülen: “köpçüligiň howpsuzlyk bähbitlerini, jemgyýetçilik tertibini, saglygyny ýa-da ahlaklylygyny ýa-da başga şahslaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak maksady bilen”; AHAK, 12-nji madda, onda “jemgyýetçilik howpsuzlygyny, tertibini, saglygyny ýa-da başga şahslaryň ahlaklylygyny ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin” diýip, çäklendirmeleri girizmek üçin esaslary belläp geçýär.

40 RSHHŞ, 18(3)-nji madda; AHAK, 12-nji madda; AHÝK, 9(2)-nji madda (“demokratik jemgyýetde ... bähbitleri üçin zerur”).

41 18-nji bellikde bellenip geçilen, Umumy tertibiň bellikleri №22, b. 8.

etmek zerurlygyna laýyklykda din ýa-da ynanç azatlygynyň açyk we giň manylylygyndan ugur almalydyrlar.[42]

Belli bir çäklendirmäniň “kanun tarapyndan bellenen” bolmagy üçin, bu çäklendirmäni göz öňünde tutýan kanunyň düzgünnamasy elýeter we öňünden çaklanylyp bilinýän bolmalydyr. Bu şeýle çäklendirmäniň, adamlara ýa-da jemgyýetlere öz hereketlerini düzgünleşdirip bilmäge mümkinçilik berer ýaly örän anyk kesgitlenen bolmalydygyny aňladýar. Mundan başgada, çäklendirmeler geçen sene bilen ýa-da belli bir şahsyýetlere ýa-da toparlara degişlilikde esassyz ulanylyp bilinmez; şeýlede, çäklendirmeleriň kanun güýjüne eýe bolan, ýöne kesgitlemesi kanunyň talaplaryna düşünmäge mümkinçilik bermeýän ýa-da islendik görnüşde kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän düzgünler esasynda girizilmegine ýol berilmeli däldir.[43]

Kanuna laýyklyk. “Kanuna laýyk maksat” kriteriýsi, çäklendirmeleriň din ýa-da ynanç azatlygyna degişli düzgünnamalarda göz öňünde tutulan maksatlary üçin ulanylmalydygyny aňladýar. Halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulmadyk esaslara görä çäklendirme girizmäge rugsat berilmeýär, hatda eger şol esaslar beýleki adam hukuklarynyň ýa-da esasy azatlyklarynyň çäklendirilmegine rugsat berýän hem bolsa.[44] Şu ýerde belläp geçmeli zadymyz, halkara hukugyna laýyklykda “howpsuzlygy” ýa-da “milli howpsuzlygy” üpjün etmek maksady bilen din ýa-da ynanç azatlygynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýändir.

---

42 “Ýol berilýän çäklendirmeleriň degişli hereket ediş çäkleri düşündirilende, agza döwletler Şertnamada kepillendirilen hukuklary goramaklyk zerurlygyndan ugur almalydyrlar… Çäklendirmeler kanun esasynda girizilmeli we 18-nji maddada kepillendirilen hukuklara zyýan ýetirmejek görnüşinde ulanylmalydyr” (şol resminamada).

43 “Joint Opinion on Freedom of Conscience and Religious Organizations in the Republic of Kyrgyzstan” [Gyrgyzystan Respublikasynda wyždan azatlygy we dini guramalar hakyndaky kanunyň taslamasy boýunça bilelikdäki karar], ÝHHG-nyň DIAHE we Wenesiýa komissiýasy, CDL-AD(2008)032, 2008-nji ýylyň 28-nji oktýabry, http://www.venice.coe.int/webforms/documents/?pdf=CDL-AD(2008)032-e.

44 18-nji bellikde bellenip geçilen, Umumy tertibiň bellikleri №22.

Zerurlyk. Çäklendirmeler din ýa-da ynanç azatlygy ugrundaky kanunçylygyň düzgünlerinde göz öňünde tutulan çäklendirmeler üçin ulanylýan esaslara laýyklykda "zerur" bolmalydyrlar. Çäklendirmäniň zerurlyk şertine gabat gelmegi üçin, ol gönüden göni çäklendirmäni girizmegiň anyk talaby bilen bagly we onuň maksadyna deň bolmalydyr[45], göz öňünde tutulan gatyşmaklyk bolsa jemgyýetiň derwaýys talaplaryna jogap berýän we kanuny maksada deň bolmalydyr.[46] Şunuň bilen birlikde, "jemgyýetiň derwaýys talaplary" düşünjesi dar manyda beýan edilmelidir.[47]

Barabarlyk. Gatyşmaklygyň "barabar" bolmagy üçin, kanuny maksadyň we oňa ýetmek üçin ulanylýan serişdeleriň arasynda logiki we manyly arabaglanyşyk bolmalydyr. Hatda howpsuzlyk nukdaýnazaryndan garanyňda hem, adamyň hukuklaryny çäklendirmek üçin ulanylýan çäreler, olaryň öz goramak funksiýasyny ýerine ýetirip bilmekleri üçin esaslandyrylan bolmalydyr. Howpsuzlyk bilen bagly bir maksada ýetmek üçin haýsam bolsa bir çäräniň ýeterlik bolmagy fakty, onuň barabarlygyny barlamak kriteriýlerine laýyk bolmagy üçin ýeterlik däldir. Barabarlyk ýörelgesi göz öňünde tutulýan maksada ýetmek üçin çäklendirmäniň zerur bolmagyny hem-de iň az gatyşmaklyk serişdeleriniň ulanylmagyny talap edýär.[48]

Birleşen Milletler Guramasynyň Adam Hukuklary boýunça Komiteti, çäklendirmäniň kemsitmek maksatlary üçin ýa-da kemsidiji görnüşinde ulanylmaly däldigini nygtaýar.[49] Adatça, eger-de çäklendirmäniň

---

45 RSHHŞ, 18(3)-nji madda; AHÝK, 9(2)-nji madda; AHAK, 12(3)-nji madda.

46 Wingrove v. The United Kingdom [Uingrou Beýik Britaniýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (17419/90 belgili ýüzlenme, 1996-njy ýylyň 25-nji noýabryndaky çözgüt), b.53.

47 Svyato-Mykhaylivska Parafiya vs. Ukraine [Swýato-Mihaýlowskiý prihod Ukraina garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (77703/01 belgili ýüzlenme, 2007-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky çözgüt), b.116; Gorzelik and Others v. Poland [Gorželik we beýlekiler Polşa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (44157/98 belgili ýüzlenme, 2004-nji ýylyň 17-nji fewralyndaky çözgüt), b.94–95.

48 Seret: 26-njy bellikde bellenip geçilen, Ermenistan boýunça Bilelikdäki çözgüt we Ermenistan boýunça Deslapky bilelikdäki çözgüt

49 18-nji bellikde bellenip geçilen, Umumy tertibiň bellikleri №22, b. 8. ÝHHG durnukly parahatçylyga we howpsuzlyga ýetmek üçin, kemsitmekden goragyň zerurdygyny ykrar edýär. Mysal üçin, seret: OSCE Strategy Document for the Economic and Environmental Dimension [ÝHHG-nyň Ykdysady we Ekologik ölçeglerine degişli

obýektiw we esaslandyrylan düşündirişi ýok ýa-da ol ýetilmeli maksada barabar däl bolsa, onda tapawutlanma gytaklaýyn kemsidiji häsiýetli hasaplanylar. Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk nukdaýnazaryndan, agza ýurtlar dini ýa-da ynanç jähtinden kemsidiji bolup biljek çäreleriň ulanylmagyna ýol bermeli däldir.

Strategiki resminamasy], ÝHHG, 2003-nji ýylyň 2-nji dekabry, https://www.osce.org/eea/20705.

# 3. Din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk: ýol görkeziji ýörelgeler

Bu bölümde din ýa-da ynanç azatlygyny hem-de howpsuzlygy üpjün etmek üçin niýetlenen birnäçe çäreleri, strategiýalary we kanunlary işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge ÝHHG-nyň agza ýurtlaryna goldaw berjek birnäçe ýörelgeler beýan edilendir. Aşakda beýan edilen ýol görkeziji ýörelgeler ÝHHG-nyň kabul eden toplumlaýyn howpsuzlygy üpjün etmek çemeleşmesine esaslanýandyr. Olar gutarnykly däldir, emma ÝHHG-nyň ynsanperwer ölçegi ugrunda ähli borçnamalaryny we degişli halkara standartlaryny öz içine alýarlar, şeýle-de bu borçnamalar we standartlar bilen utgaşýarlar.[50] 4-nji bapda berlen seljermeler we maslahatlar, şu aşakdaky ýedi sany ýol görkeziji ýörelgeler nukdaýnazaryndan seredilmelidir.

## ÝOL GÖRKEZIJI ÝÖRELGELER:

1. Dini ýa-da ynanç dürlüligine hormat goýmagy terbiýeleýän bilim çärelerini durmuşa geçirmek wajypdyr. Bu çäreler:[51]

   a. Diňe bir mekdepde amala aşyrylmak bilen çäklenmän, mysal üçin muzeýlerde, kitaphanalarda, medeni miras merkezlerinde hem durmuşa geçirilmelidir;

---

50 Borçnamalaryň doly sanawy 16-njy bellikde berlen.
51 Mysal üçin seret: Wena resminamasy 1989ý., Kopengagen resminamasy 1990ý., Budapeşt resminamasy 1994ý., Portu resminamasy 2002ý., Sofiýa resminamasy 2004ý., Lýublýana resminamasy 2005ý., Brýussel resminamasy 2006ý. we Madrid resminamasy 2007ý.

b. Din barada ýaramaz düşünjeleri, ýalňyş pikirleri döredýän, dinler meselesinde sowatsyzlygyň öňüni almaga ýardam berýän dürli dinler we ynançlar barada obýektiw we anyk maglumatlary bermelidir;

c. Dürli dinlere ýa-da ynançlara degişli gatnaşyjylara, şol sanda ynanmaýanlara adaty gurşawda bir-birleri bilen duşuşmaga we dürlülik bilen tanyşmaga mümkinçilik döretmelidir;

d. Gatnaşyjylara dürlülik şertlerinde bilelikde parahatçylykly ýaşamak üçin gerek bolan bilimleri, garaýyşlary, gymmatlyklary we endikleri bermelidir;

e. Adam mertebesine we ähli kişileriň adam hukuklaryna sarpa goýmak esasynda düzülen bolmalydyr; we

f. Başga adamlaryň ynançlaryna düşünmezlik sebäpli ýüze çykýan dawalaryň sanyny azaltmagy maksat edinmeli.

2, Din ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler, olaryň adam hukuklary we din ýa-da ynanç dürlüliginiň ähmiýeti barada köpçülige habar berýän maglumat-bilim maksatnamalaryny ýerine ýetirmeli. Bu maksatnamalar[52]:

a. Hökümetiň we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplaryň, ýagny raýat jemgyýetçilik guramalaryň, milli adam hukuklary institutlaryň, medeni miras merkezleriň, bilim hünärmenleriň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň we dini ýa-da ynanç jemgyýetleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň çäklerinde işlenip düzülmeli we durmuşa geçirilmeli;

52 Mysal üçin seret: Buharest resminamasy 2001ý., Lýublýana resminamasy 2005ý., Brýussel resminamasy 2006ý.

b. Diňleýjilere dinleriň we ynançlaryň köp dürlüligi hakykatyny kabul etmegi we bu köp dürlülik bilen tanyşlygy öz tejribäň esasynda öwretmeli;

c. Dürli jemgyýetler üçin özara baýlaşmagyň çeşmesi hökmünde din we ynanç dürlüliginiň ähmiýetini bellemeli; we

d. Dürli dinlere we ynançlara has düýpli düşünmäge we olara hormat goýmaga ýardam bermek arkaly jemgyýetde kemsitmäniň, duşmançylygyň we çydamsyzlygyň ösmegine itergi berýän ýaramaz pikirleri azaltmagy maksat edinmeli.

3. Din ýa-da ynanç sebäpli çydamsyzlyga we kemsidilmelere garşy göreşýän, adamlaryň we dürli ynançlara uýýan jemgyýetleriň arasynda özara düşünişmegiň we sylanyşygyň artmagyna ýardam berýän, ähli adamlar üçin din ýa-da ynanç azatlygyny berkidýän dinler arasynda we ynançlar arasynda gepleşikler we hyzmatdaşlyk zerurdyr. Şeýle gepleşikler we hyzmatdaşlyk:[53]

a. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň özbaşdaklygyna sarpa goýmaly;

b. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň gepleşiklere meýletin gatnaşmak çemeleşmelerine sarpa goýmaly;

c. Dini jemgyýetleriň ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň ählisiniň, şol sanda täze döredilen we has kiçi jemgyýetleriň bähbitlerini göz öňünde tutmaly, esasan hem eger bu gepleşikler döwlet tarapyndan goldanylýan bolsa.

d. Mümkin boldugyça, erkekleriň we zenanlaryň deň derejede gatnaşmagyny üpjün etmeli, şeýle hem ýaşlaryň giňden

53 Mysal üçin seret: Maastriht resminamasy 2003ý., Lýublýana 2005 we ÝHHG-nyň MG-niň 3/13 belgili çözgüdi.

gatnaşmagyny üpjün etmeli, esasan hem eger bu gepleşikler döwlet tarapyndan goldanylýan bolsa; we

e. Hemmeler üçin din ýa-da ynanç azatlygyny berkitmek boýunça tagallalara aýratyn goşant goşýandygy, özara düşünişmegi we çydamlylygy ösdürýändigi üçin resmi däl çäreleri goşmaly.

4. Agza döwletler bilen dini jemgyýetleriň ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň arasynda din ýa-da ynanç azatlygy we howpsuzlyk hem-de özara gatnaşyk meseleleri boýunça gepleşikler we başlangyçlar gerekdir. Şeýle başlangyçlar:[54]

a. Ähli adamlar üçin din ýa-da ynanç azatlygyny, şeýlede beýleki adam hukuklaryny berkitmeli;

b. Din ýa-da ynanç sebäpli çydamsyzlygyň we kemsitmäniň öňüni almaly we bu ýagdaýlara garşy göreşmeli, şol sanda kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän ýigrenjiň wagyz edilmegini aýgytly we berk ýazgarmak arkaly;

c. Giň gerimli we durnukly howpsuzlygy üpjün etmeli;

d. Jemgyýetde bar bolan ähli dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň gatnaşmagyna açyk bolmaly;

e. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň özbaşdaklygyna sarpa goýmaly;

f. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň meýletin gatnaşmak çemeleşmesine sarpa goýmaly;

g. Milli ýa-da döwlet derejesindäki tagallalar bilen çäklenmän, ýerli ýa-da şäher derejesinde hem amala aşyrylmaly;

---

54 Şol ýerde.

h. Aragatnaşyk kanallarynyň elmydama açyk bolmagyny we gepleşikleriň we özara gatnaşyklaryň wagtal-wagtal däl-de yzygiderli bolmagyny üpjün etmeli; we

i. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň howpsuzlyk bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde tutup biljek orny barada habardarlygy ýokarlandyrmaga hyzmat etmeli we olaryň bu tagallalara işjeň gatnaşmagyny höweslendirmeli.

5. Howpsuz we agzybir jemgyýeti ösdürmek üçin, bar bolan we ýüze çykýan dini ýa-da ynanç dürlüligine hormat goýulmagyny goldaýan syýasatlar zerurdyr. Şeýle syýasatlar:[55]

a. Zorlugyň umuman din ýa-da ynanç bilen baglaşdyrylmazlygyny ýa-da oňa degişli hasaplanylmazlygyny üpjün etmeli;

b. Zorlugyň haýsam bolsa bir din ýa-da ynanç bilen baglaşdyrylmazlygyny ýa-da oňa degişli hasaplanylmazlygyny üpjün etmeli;

c. Aýry-aýry adamlar ýa-da toparlar tarapyndan edilen zorlukly hereketleriň jogapkärçiliginiň dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýete degişli edilmezligini üpjün etmeli;

d. Dini ýa-da ynanç plýuralizmine degişli meseleleriň çözülişinde ýüze çykyp biljek islendik kynçylyklaryň we dartgynlyklaryň syýasy maksatlar üçin ulanylmazlygyny üpjün etmeli;

e. Agza döwletleriň wekillerini kemsidilmä, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän ýigrenjiň islendik görnüşde wagyz edilmegine hemişe berk we gyssagly garşy çykyş etmeklerini höweslendirmeli.

55 Mysal üçin seret: Portu 2002, Lýublýana 2005.

6. Hemmeler üçin din ýa-da ynanç azatlygyny öňe sürýän konstitusion we hukuk çarçuwalar möhümdir, olar aşakdaky ýörelgeleri göz öňünde tutmalydyr:[56]

a. Din ýa-da ynanç azatlygyna we beýleki adam hukuklaryna hormat goýmak howpsuzlygy üpjün etmegiň aýrylmaz bölegidir;

b. Aýry-aýry ýagdaýlarda howpsuzlygy üpjün etmek üçin din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirýän çäreler zerur bolanda, diňe eger-de şeýle çäreler adam mertebesine we adam hukuklaryna hormat goýan halatynda hemmetaraplaýyn we yzygiderli howpsuzlyga ýetip bolar;

c. Din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirýän çäreler düzülende we durmuşa geçirilende bu çäreleriň erkeklere we zenanlara täsir ediş tapawutlaryny göz öňünde tutmalydyr;

d. Din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirýän çäreler düzülende we durmuşa geçirilende bu çäreleriň ejiz ýagdaýda bolan aýratyn adamlara ýa-da toparlara, şol sanda emma munuň bilen çäklenmän, çagalara, maýyplara, milli azlyklara, belli bir dine ýa-da ynanja uýýan dini azlyklaryň jemgyýetlerine, ynanmaýanlara, dini täzelikde kabul edenlere, gaçybatalga gözleýänlere, bosgunlara we migrantlara täsir ediş tapawutlaryny göz öňünde tutmalydyr;

e. Kanunlar, kadalaşdyryjy namalar, durmuşa geçirilýän çäreler we strategiýalar aç-açan we kemsidiji däl bolmalydyr, şol sanda etniki gelip çykyşy, jynsy, milleti, dini we ynanjy boýunça;

f. Howpsuzlyk ugrundaky wajyp meseleler, howpsuzlygyň bähbitlerini goramak bahanasy bilen din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirmek ýa-da gadagan etmek üçin düzülen kanunlaryň kömegi bilen däl-de, eýsem jenaýat kanunçylygyň ýa-da

56 Mysal üçin seret: Helsinki jemleýji resminamasy 1975ý., Wena resminamasy 1989ý., Kopengagen resminamasy 1990ý., we ÝHHG-nyň MG-niň 3/13 belgili çözgüdi.

jemgyýet tertibini goramak hakyndaky kanunçylygyň anyk düzgünleriniň kömegi bilen çözülmelidir;

g. Din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirýän çäreler kanunda göz öňünde tutulan bolmalydyr;

h. Çäklendirmeleri girizmegiň esaslandyrmasy aýdyň düşündirişli hem-de çäklendirmeler kanuny maksada ýetmek üçin zerur bolmalydyr, maksatlaryň doly sanawy RSHHŞ-nyň 18(3)-nji maddasynda görkezilendir; we

i. Adamlaryň gözden geçirilýän çäreleri ýa-da olaryň ýerine ýetirilmegi bilen bagly çözgütleri şikaýat etmäge ýa-da olaryň täzeden gözden geçirilmegini gazanmaga mümkinçilikleri bolmalydyr.

7. Agza döwletler tarapyndan howpsuzlygy üpjün etmek üçin zerur hasaplanýan din ýa-da ynanç azatlygyny çäklendirýän islendik hukuk çäreleri:[57]

a. Pikirlere ýa-da ynançlara garşy däl-de, anyk jenaýatçylyk ýa-da kanuna ters gelýän hereketlere garşy gönükdirilen bolmalydyr;

b. Aýratyn adamlaryň ýa-da toparlaryň kanuna ters gelýän anyk hereketlerine gönükdirilen bolmaly, dini ýa-da ynançlary sebäpli olara garşy iş gozgamakdan gaça durmaly;

c. Kanunçylyk binýadynda ulanylýan adalgalaryň anyk kesgitlemesi bolmaly, dürli çapraz gelýän düşündirişleriň ýüze çykmagyna we esassyz ulanylmagyna ýol berýän aýdyň bolmadyk adalgalary ulanmakdan gaça durmaly;

---

57 Mysal üçin seret: Wena resminamasy 1989ý., Kopengagen resminamasy 1990ý., we ÝHHG-nyň MG-niň 3/13 belgili çözgüdi we “Terrorizmiň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça ÝHHG-nyň tagallalaryny güýçlendirmek boýunça” 1/16 belgili jarnamasy (Gamburg, 2016ý.). Şeýlede seret: the Overview of OSCE Counter-Terrorism Related Commitments [Terrorizme garşy göreşmek bilen bagly ÝHHG-nyň borçnamalarynyň teswiri], soňky neşiri 2018-nji ýylyň marty, https://www.osce.org/node/26365?download=true.

d. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere girýän agzasynyň eden kanuna garşy hereketleri üçin dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleri jezalandyrmaly däl;

e. Gelip çykyşy, jynsy, milleti, dini ýa-da ynanjy esasynda kemsitmelerden azat bolmaly;

f. Diňe iň soňky çäre hökmünde ulanylmaly;

g. Göz öňünde tutulýan kanuny maksat bilen gönüden-göni bagly we oňa barabar bolmaly, we bu maksada ýetmek üçin ulanylýan çäre iň pes derejede gatyşýan çäre bolmaly; we

h. Şunuň ýaly çäreleriň nädogry ulanylmak ýa-da döwletiň wezipeli adamlary tarapyndan hyýanatçylykly ulanylmak mümkinçiligini pese düşürmäge kömek berýän degişli teklipler bilen üpjün edilmeli.

Ýokarda agzalyp geçilen ýol görkeziji ýörelgeleriň ulanylmagyna degişli meselä garalanda, aşakdaky üç meseläni göz öňünde tutmaly:

1. Ýol görkeziji ýörelgeleri, Helsinki jemleýji resminamasynda berkidilen we ÝHHG-nyň soňky borçnamalarynda ylalaşylan, din ýa-da ynanç azatlygyny üpjün etmegiň bitewi çemeleşmesiniň bir bölegi hökmünde garalmalydyr. Hem din ýa-da ynanç azatlygyny goramak hem-de howpsuzlygy üpjün etmek boýunça jogapkärçiligiň ÝHHG-nyň agza döwletleriniň hökümetleriniň üstüne düşýändigine garamazdan, din ýa-da ynanç azatlygy hem-de howpsuzlyk meselelerini birleşdirmekde beýleki subýektler hem, ýagny dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler,[58] adam hukuklaryny goraýan milli institutlar, raýat jemgyýetçilik guramalary, şol sanda dini guramalar we umuman adam

58 8-nji bellikde bellenip geçilen, ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşi özüniň 3/13 belgili çözgüdinde ÝHHG-nyň agza döwletlerine “dini ýa-da ynanç jemgyýetlerini degişli kanunçylyk başlangyçlaryny köpçülikleýin ara alyp maslahatlaşmaga öz wagtynda goşmagy höweslendiriň” diýip ündedi.

hukuklaryny goraýan guramalar, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem wajyp orny eýeleýändir;

2. Ynsanperwer ölçeginiň çygrynda özleriniň ähli borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek arkaly, agza döwletler döwlete dahylsyz subýektleriň durnukly howpsuzlygy üpjün etmekde öz goşantlaryny goşmaklary üçin mümkinçilikleri döretmeli; we

3. Din ýa-da ynanç azatlygy hem-de howpsuzlyk bilen bagly çylşyrymly meseleler diňe bir hökümet tarapyndan kanuny gadaganlyklaryň girizilmegi bilen çözülip bilinmez, degişli hereketler ilkinji nobatda çäklendirmeler bilen bagly bolmadyk çäreleriň giň gerimini, ýagny bilim çäreler, habardarlygy artdyrmak maksatnamalar, dinleriň we ynançlaryň arasynda gepleşikler we hyzmatdaşlyk, jemgyýetleriň arasynda özaragatnaşyklar ýaly çäreleri öz içine almalydyr.

# 4. Din ýa-da ynanç azatlygyna hem-de howpsuzlyga degişli meseleler we maslahatlar

Bu bölümde din ýa-da ynanç azatlygy hem-de howpsuzlyk çygrynda dört sany möhüm mesele ara alnyp maslahatlaşylýar. Meseleleriň dördüsi hem – jemgyýetleri hasaba almak, "ekstremist" çykyşlar we edebiýat, ybadat ýerlerinde agtaryş we öz diniňi kabul etdirmek – ÝHHG-nyň tutuş sebitinde umumy gabat gelýän meselelerdir. Olar din ýa-da ynanç azatlygyny hem-de howpsuzlygy üpjün etmek nukdaýnazaryndan syýasat düzüjiler we dini jemgyýetler üçin örän möhümdir. Bu meseleler din ýa-da ynanç azatlygynyň hem-de howpsuzlygyň iş ýüzünde nädip gabatlaşýandygyny aýdyň görkezýär.

Her bölümiň başyndaky soraglar we jogaplar, din ýa-da ynanç azatlygy hem-de howpsuzlyk mowzugynyň çägindäki birnäçe çylşyrymly meseleleri aýdyňlaşdyrmaga çalyşýar. Her bölümiň soňunda seredilip geçilen dört mesele boýunça degişli maslahatlar berilýär.

## 4.1 DINI ÝA-DA BELLI BIR YNANÇLARA UÝÝAN JEMGYÝETLERI HASABA ALMAK WE HASABA ALMAKLYGY RET ETMEK WE HOWPSUZLYK

Käwagtlar ÝHHG-nyň agza döwletleriniň hökümetleri käbir dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň gymmatlyklaryna, ýörelgelerine we taglymatlaryna ýurduň ýaşaýjylarynyň aglaba böleginiň gymmatlyklary bilen utgaşmaýan hökmünde garaýarlar. Olar şunuň ýaly utgaşyksyzlygyň adamlaryň birlikde ýaşamagyna hem-de sosial jebisligine we şonuň bilen birlikde howpsuzlyga hem howp salýar diýip hasaplaýarlar. Hökümetiň "ekstremist häsiýetli" hasaplaýan dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri, köpçüligiň düzgün tertibine, milli deňdeşligine, jemgyýetiň sosial deňligine ýa-da parahatçylykly ýaşamagyna howp salýandygy güman edilýän pikirleri ýaýradýan ýagdaýynda bu gorkular has hem güýçlenýär. Şular ýaly dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň hasaba alyş prosedurasyndan geçip kanuny şahsyýeti derejesine eýe bolmagy we şeýlelikde hukuk statusyny, ykrar edilmesini, ýeňillikleri we artykmaçlyklary almagy käbir hökümetlerde çynlakaý birahatlyk döredýär. Muňa jogap edip, hökümetler, käbir jemgyýetleri hasaba almazlyga ýa-da bar bolan hasaba alnyşy ýatyrmaklyga ýüz urýarlar ýa-da hasaba almak baradaky kanunlarda hasaba alyş şertlerini berk çäklendirip, öňki hasaba alnan jemgyýetleriň täzeden hasaba alynmaklaryny talap edýärler. Şular ýaly çäreleriň netijesinde, käbir dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler özlerini hasaba aldyryp bilmeýärler hem-de ýuridiki tarap statusyna eýe bolup bilenoklar ýa-da bar bolan ýagdaýynda ony ýitirýärler.

### *Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler üçin kanuny şahsyýet meselesi näme üçin möhüm?*

Ýuridiki tarap statusyny almaklyk, din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň çägine degişlidir. Jemgyýetiň guramaçylyk durmuşy din ýa-da ynanç azatlygy bilen goralmadyk ýagdaýynda, adamyň bu ugurdaky

azatlyklarynyň köp taraplary gowşak bolýar.[59] Bu, mysal üçin, öz diniňi ýa-da ynançlaryňy başgalar bilen bilelikde uýmak mümkiniligine täsir edýär we bu fakt jemgyýetiň ýaşamak ukybyna howp salýar.

Halkara adam hukuklary kanunyna laýyklykda, din ýa-da ynançlar esasynda dörän şahsyýetleriň birleşmesine hukuk statusyny bermek meselesi ret edilse, bu birleşmeleriň azatlygy nukdaýnazaryndan din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň ýerine ýetirilmegine gatyşmaklyk bolýar, egerde bu birleşmäniň kanuna garşy gelýän hereket edýändigi subut edilmedik bolsa.[60]

Şu sebäpden, ÝHHG-nyň agza döwletleri “Öz ýurtlarynyň konstitusion çäklerinde dine ynanýanlaryň birleşmesine, öz dinine uýýanlara ýa-da uýmaga taýýarlara olaryň ýüzlenmesi boýunça ýurtlarynda göz öňünde tutulan degişli statuslary bermäge” borçlanýarlar.[61]

Din ýa-da ynanç azatlygy hukugyndan doly manyda peýdalanmak üçin hukuk statusynyň wajypdygyna garamazdan,[62] dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler ýuridiki statusy almak islemeýän bolsalar,

---

59 Hasan and Chaush v. Bulgaria, [Hasan we Çauş Bolgariýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (30985/96 belgili ýüzlenme, 2000-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky çözgüdi)., b. 62

60 Kimlya and Others v. Russia., [Kimlýa we beýlekiler Russiýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (76836/01 we 32782/03 belgili ýüzlenmeler, 2009-njy ýylyň 1-nji oktýabryndaky çözgüdi)., b. 84; Jehovah’s Witnesses of Moscow and Others v. Russiýa [Moskwanyň Iýegowanyň şaýatlary we beýlekiler Russiýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (302/02 belgili ýüzlenme, 2010-njy ýylyň 10-njy iýunyndaky çözgüdi), b. 101; Gorzelik and Others v. Poland, [Goržеlik we beýlekiler Polşa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti, b. 52; we Sidiropoulos and Others v. Greece [Sidiropoulos we beýlekiler Gresiýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti, (26695/95 belgili ýüzlenme, 1998-nji ýylyň 1-nji iýulyndaky çözgüdi) b. 31.

61 16-njy bellikde bellenip geçilen Wena resminamasy 1989, b.16.3.

62 26-njy bellikde bellenip geçilen Bessarab mitropoliýasy Moldowa garşy, Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti; Religionsgemeinschaft der Zeugen Jehovas and Others v. Austria [“Iýegowanyň şaýatlary” dini jemgyýeti we beýlekiler Awstriýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (40825/29 belgili ýüzlenme, 2008-nji ýylyň 31-nji iýulyndaky çözgüt; Izzettin Dogan v. Turkey, [Izzettin Dogan Türkiýä garşy], (62649/10 belgili ýüzlenme, 2016-njy ýylyň 26-njy aprelindäki çözgüt). Aýry-aýry dine ynanýanlaryň we ynanmaýanlaryň, dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň hasaba alynmagy göz öňünde tutulmadyk, hasaba alynmadyk ýa-da döwlet ýa-da häkimiýet tarapyndan ýatyrylan halatynda hem, halkara adam hukuklary kanunlaryna laýyklykda olaryň hukuklarynyň bardygyny bellemelidiris.

olary muny etmäge borçlandyrmaly däldir. Hukuk statusyny almak mümkinçiligi käbir agza döwletler tarapyndan göz öňünde tutulan mümkinçilikleriň biridir. Jemgyýetleri hasaba alyş ulgamlary işlenilip düzülýän wagty agza döwletler dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň işine päsgelçilik döretmek ýa-da ony gözegçilik astynda saklamak üçin däl-de, eýsem olaryň işine ýardam bermek ýörelgesinden ugur almalydyr.[63] Şeýlelikde, agza döwletler dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň özleriniň din ýa-da ynanç bilen bagly ähli işlerini sözüň doly manysynda alyp barmaga mümkinçilik berýän ýuridiki statusyny almaga hukuklarynyň bolmagyny üpjün etmelidirler.

Sada we elýeter hasaba alyş ulgamy dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri, şol sanda agza döwletleriň hökümetini biynjalyk edýänleri hem, kanunçylyk ulgamynyň çäklerinde hereket etmeklige höweslendirer. Tejribeden belli bolşy ýaly, hasaba alyş hökümetiň we dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň arasynda durnukly we ynamdar gatnaşyklary gurmaga kömek edýär.

### *Näme üçin dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri hasaba almakda ýa-da hasaba almaklygy ret etmekde “ekstremizm” adalgasy mesele döredýär?*

Howpsuzlygy üpjün etmek üçin aýratyn taraplaryň we dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň alyp barýan işlerini berk gözegçilikde saklamak zerurlygyna esaslanyp, hökümetler özleriniň “ekstremizm” bilen bagly biynjalyklaryny delil hökmünde getirýärler. Şol bir wagtyň özünde, “ekstremizm” adalgasy takyk däldir we onuň anyk kesgitlemesi ýokdur. Bu bolsa umumy we anyk däl beýanlary bermäge hem-de kanunyň islege görä ulanylmagyna mümkinçilik berýär.

63 “Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýuridiki statusy boýunça gözükdirijiniň” III bölüminde dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýuridiki statusyny almagyna degişli halkara hukuk kadalarynyň jikme-jik beýany, şeýle hem ÝHHG-nyň agza döwletleriniň käbirleriniň bu meseledäki oňyn tejribesi berlendir. (20-nji bellikde bellenip geçilen).

"Ekstremizmi" köplenç zorluk bilen baglanyşdyrýarlar, bu iki düşünjäniň arasyndaky baglanyşygy görkezýän hakyky delilleriň ýokdugyna ýa-da "ekstremist häsiýetli" pikirden zorlukly hereketlere geçmegiň ýa-da döwletiň gatyşmaklygyna esas döredip biläýjek "ekstremist häsiýetli" pikirleriň zorlukly hereket etmek niýetini aňladýan hiç hili degişli subutnamalaryň ýokdugyna garamazdan.[64] Şonuň üçin zorlukly ekstremizm hadysasynyň we "ekstremizm" düşünjesiniň arasyndaky tapawudy anyk kesgitlemelidir. "Ekstremal" garaýyşlara ygrarly bolmagyň özi howpsuzlyga howp salmaýar.[65]

Mundan başga-da, eger "ekstremizmiň" öňüni almak we oňa garşy göreşmek çäreleri zorluksyz hereketlere gönükdirilen bolsa, onda adam hukuklarynyň bozulmagy töwekgelçiligi bar. Bir pikire gulluk etmek hukugy we öz saýlan diniňe ýa-da ynanjyňa uýmak ýa-da kabul etmek azatlygy hiç hili çäklendirmelere sezewar edilmeli däldir.[66] Halkara standartlar "ekstremizm" ýaly adalgalaryň diniň ýa-da ynanjyň kanuny görnüşlerini basyp ýatyrmak ýa-da ynançlary başga ýa-da "adaty däl" hasaplanýan şahsyýetleri ýa-da dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri nyşana almak üçin ulanylmaly däldigini aç-açan duýdurýar.[67] Jogap çäreleriniň belli bir jenaýatçylykly hereketlerine däl-de, ynançlara

---

64 Seret: Expert Meeting on Security, Radicalization, and the Prevention of Terrorism [Howpsuzlyk, radikallaşmak we terrorizmiň öňüni almak meseleleri boýunça bilermenleriň duşuşygy], ÝHHG 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabry, https://www.osce.org/odihr/34379, 26-njy madda şeýle diýýär "subut edilmedik çaklamalar dini ynançlaryň fundamental görnüşleriniň deregine terrorizmiň taktikasyny peýdalanmaga taýýar radikallaşmanyň howply konsepsiýalaryny öz içine alýar. Şu nazaryýete laýyklykda, adam adaty dini garaýyşlardan has ekstremal garaýyşlara we tejribelere tarap göni ýol boýunça hereket edýär we netijesinde zorluk salmaklyga geçýär.Bu nazaryýetiň dogrudygyny görkezýän anyk subutnamalar ýok."

65 "Ekstremizm" konsepsiýasynyň tankydy we onuň netijeleri üçin seret: Terrorizme garşy göreşmek şertlerinde adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny höweslendirmek we goramak meseleleri boýunça Ýörite hasabatçynyň hasabaty, BMG-niň Baş Assambleýasy UN Doc.A/HRC/31/65, b. 21–21, https://undocs.org/en/A/HRC/31/65.

66 RSHHŞ-nyň 18-nji maddasy pikirleriň we wyždanyň islendik görnüşde çäklendirilmegini gadagan edýär. Her bir adamyň öz pikirlerini päsgelçiliksiz tutmak hukugynyň goralyşy ýaly, edil şonuň ýaly bellenip geçilen hukugyň goralmagyda RSHHŞ-nyň 19(1) maddasy bilen göz öňünde tutulandyr.

67 Comments on Amendments and Additions to the Law of the Kyrgyz Republic On Freedom of Religion and Religious Organizations in the Kyrgyz Republic ["Gyrgyz Respublikasynda din azatlygy we dini guramalar hakynda" Kanunyna üýtgeşmeler we goşmaçalar babatynda ÝHHG-nyň DIAHE-nyň beren teswirleri], OSCE/ODIHR, 2012-nji ýylyň 22-nji marty, b.18–19, http://www.legislationonline.org/documents/id/16881.

we ideologiýalara gönükdirilmegi, pikir azatlygyny we din ýa-da ynanç azatlygyny töwekgelçilik astynda goýýar. Şeýlelik bilen, agza döwletler howpsuzlyk bilen baglanyşykly çäreleriň pikirlere ýa-da ynançlara däl-de, hereketlere gönükdirilen bolmagyny we zorlukly ekstremizm bilen “ekstremizmiň” arasynda anyk tapawutlandyrmanyň bellenilmegini üpjün etmelidir.[68] Zorluk hereketleri ýa-da zorluga öjükdirme bilen baglanyşygynyň bardygyny görkezýän subutnama ýok bolsa, bu çäreler “ekstremizmi” yzarlamak üçin gönükdirilen bolmaly däldir.

### *Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmäge we hasaba almakdan ýüz öwürmäge nähili esaslar bar?*

Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmegiň we hasaba almakdan ýüz öwürmegiň uzaga gidýän netijeleriniň bardygyny göz öňünde tutup, bu ugurdaky islendik karar hökmany ýagdaýda RSHHŞ-nyň 18(3)-nji maddasynda bellenilen talaplara laýyklykda kabul edilmelidir. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek iň soňky ulanylmaly çäredir, şeýle kararlaryň laýyk bolmagy üçin düýpli esaslandyrma gerekdir. Şunuň ýaly çäreleriň kabul edilmek ähtimallygyny, diňe köpçülikleýin tertip-düzgüne howp salýan agyr we gaýtalanýan düzgün bozmalar ýüze çykan ýagdaýynda hem-de duýduryş bermek, jerime we salgyt ýeňillikleriden mahrum etmek ýaly has ýeňil çäreleri ulanmak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda göz öňünde tutulmalydyr.[69]

---

68 Adam hukuklary boýunça BMG-nyň Ýokary komissarynyň hasabaty, BMG-niň Baş Assambleýasy, UN Doc A/HRC/33/29, 2016-njy ýylyň 21-nji iýuly, b. 6.1, http://www.undocs.org/A/HRC/33/29; Opinion on the Federal Law on Combating Extremist Activity on the Russian Federation [“Ekstremist hereketlere garşy göreşmek” hakynda Russiýa Federasiýasynyň federal Kanuny boýunça Wenesiýa komissiýasynyň gelen netijesi], Wenesiýa komissiýasy, CDL-AD(2012)016, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny, b. 59, http://www.venice.coe.int/webforms/documents/?pdf=CDL-AD(2012)016-e.

69 “Law on Freedom of Religious Belief of the Republic of Azerbaijan”, [Dine uýmagyň azatlygy hakynda Azerbaýjan Respublikasynyň kanuny boýunça Wenesiýa komissiýasynyň we ÝHHG-nyň DIAHE-nyň bilelikdäki çözgüdi] CDL- AD(2012)022, 2012-nji ýylyň 15-nji oktýabry, b. 93–94, http://www.venice.coe.int/webforms/documents/?pdf=CDL-AD(2012)022-e.

Howpsuzlyga abanýan çak edilýän howplar däl-de belli bir jemgyýet tarapyndan alnyp barylýan hereketleriň kanunalaýyk däldigi barada anyk subutnamalar dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek üçin esas bolmalydyr. Adam hukuklary nukdaýnazaryndan bu çäreler, jemgyýetiň jenaýat işine gatnaşýandygyny ýa-da halkara adam hukuklary kanuny derejesinde ykrar edilen diniň ýa-da ynanjyň köpçülikleýin ýüze çykmagynyň çäklendirmeleriniň çägine girýän hereketleriň bardygyny subut eden mahaly zerur ädim hasap edilip bilner. Belli bir şahslaryň ýa-da dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň haýsy hem bolsa bir zorlukly hereketlere ýa-da kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän wagyzlary etmäge gatnaşýandygyny, ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna başga usullar bilen zyýan ýetirýändigini subut etmek jogapkärçiligi döwletiň üstündedir.

Aýry-aýry ynanýanlaryň, hatda dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylarynyň zorlukly ekstremist hereketlere gatnaşýandyklary, ýagny zorlukly ýa-da zorluga öjükdirmek bilen baglanyşykly hereketleri edýändigi baradaky esassyz çaklamalar, dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almagynyň ret edilmegi we hasaba almakdan ýüz öwrülmegi üçin ýeterlik esas hasaplanylyp bilinmez. Käbir adamlaryň şeýle hereketler bilen meşgullanmagy, tutuş bir dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetiň bu pikirleri paýlaşýandygyny ýa-da bu çärelere ýol berýändigini görkezmeýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, şahsy we toparlaýyn edilen hereketler we jogapkärçilikler elmydama bir-birinden tapawutlandyrylmalydyr. Şonuň üçin jemgyýetiň aýry şahsyýetleri tarapyndan edilen islendik bikanun hereket bilen bagly mesele, tutuş dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýete gönükdirilmän, şol adama garşy jenaýat, administratiw ýa-da raýat kazyýet işiniň gozgalmagy bilen çözülmelidir.[70]

---

70 “Interim Joint Opinion on the Law on Making Amendments and Supplements to the Law on Freedom of Conscience and Religious Organizations and on the Laws on Amending the Criminal Code; the Administrative Offences Code and the Law on Charity of the Republic of Armenia” [Ermenistan Respublikasynyň Wyždan we dini guramalar hakyndaky kanunyna, Jenaýat kodeksine, Administratiw düzgün bozulmalary

Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek baradaky karar kabul edilende, bu karary netijeli şikaýat etmek we/ýa-da kazyýetler tarapyndan täzeden seredilmek mümkinçiligi üpjün edilmelidir.[71] Şikaýat etme prosedurasy çalt, aç-açan we kemsidiji däl bolmalydyr. Degişli karary şikaýat etmegiň ähli mümkinçilikleri ulanylmazdan, dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek baradaky karar güýje girmeli däldir.

### *Ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek zorlukly ekstremizme we terrorizme alyp barýan radikallaşma garşy göreşmekde dogrudan hem netijeli guralmy?*

Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmegiň we hasaba almakdan ýüz öwürmegiň zorlukly ekstremizme we terrorizme alyp barýan radikallaşma garşy göreşmek ugrundaky netijeliligi subut edilen däldir. Eýsem onuň tersine, dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň azatlygyna esassyz çäklendirilmeleriň girizilmeginden daşary, şeýle çäreleriň käbir göz öňünde tutulmadyk ýaramaz netijelere getirmek töwekgelçiligi bardyr. Bu çäreler, jemgyýetiň adalatsyz nyşana alnandygy we kemsidilendigi baradaky düşünjesini güýçlendirip biler, bu bolsa olary zorlukly ekstremizm ýa-da terrorizme alyp barýan radikallaşmak pikirlerine has oňyn garamaklaryna getirip biler. Mundan başga-da, şunuň ýaly çäreler hökümet we dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň arasyndaky ynamy bozmagy mümkin, hem-de howpsuzlygy üpjün etmek boýunça köpçüligiň toplumlaýyn çäreleriniň çäklerinde bu jemgyýetleriň

hakyndaky kodeksine we Haýyr-sahawat baradaky kanunyna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanun boýunça deslapky bilelikdäki çözgüt], Wenesiýa komissiýasynyň we ÝHHG-nyň DIAHE, b. 92, (bellenip geçilen bellik 26).

71 Jehovah's Witnesses of Moscow and others v. Russia [Moskwanyň "Iýegowa şaýatlary" we beýlekiler Russiýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti (302/02 belgili ýüzlenme, 2010-njy ýylyň 10-njy iýunyndaky çözgüt), b. 175; "Act CCVI of 2011 on the Right to Freedom of Conscience and Religion and the Legal Status of Churches, Denominations and Religious Communities of Hungary" [Wengriýanyň Wyždan azatlygy we din hem-de buthanalaryň hukuk statusy, dini jemgyýetler hakyndaky CCVI 2011-nji ýylyň kanuny boýunça çözgüt], Wenesiýa komissiýasy, b. 38.

çetleşdirilmegine getirip biler. Käbir ýagdaýlarda bu çäreler jemgyýetleriň gizlin hereket edip başlamagyna getirip biler, bu bolsa olaryň edýän hereketleri hakynda ygtybarly maglumat almagy kynlaşdyrar.

## Maslahatlar

*Agza döwletler üçin*

1. Agza döwletler "ekstremizm" ýa-da "dini ekstremizm" ýaly düşünjelere esaslanýan ýa-da salgylanýan hukuk ýa-da beýleki çäreleri kabul etmekden saklanmalydyr, çünki bu adalgalaryň kesgitlemesi aýdyň däl hem-de olar islege görä ýa-da kemsidiji görnüşinde ulanylmagy mümkin.

2. Dine ynanýanlaryň biri ýa-da topary bikanun hereketlere gatnaşan bolsalar, agza döwletler günäni tutuş jemgyýetiň üstüne ýüklemeli däldir we jerime çärelerini diňe degişli bikanun hereketi eden adamlara garşy ulanmalydyr.

3. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň öz dinleri ýa-da ynançlary bilen bagly işlerini we hereketlerini doly manyda amala aşyryp bilmekleri üçin, öz islegleri boýunça zerur bolan hukuk statuslaryny alyp bilmekleri üçin degişli mümkinçilikleri we proseduralary döretmelidir. Şol bir wagtyň özünde hem, agza döwletler jemgyýetleriň ýa-da aýratyn şahsyýetleriň din ýa-da ynanç azatlygy hukugyny amala aşyryp bilmekleri üçin ýuridiki statusy almaklaryny şert etmeli däldir.

4. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmegi ýa-da hasaba almakdan ýüz öwürmegi baradaky alnan islendik kararyň RSHHŞ-nyň 18(3)-nji maddasynda görkezilen şertlere gabat gelmegini üpjün etmelidir.

5. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek barada çözgüt kabul edilen halatynda, agza döwlet ýuridiki tarap derejesiniň berilmezliginiň ýa-da hasaba alynmazlygynyň anyk sebäplerini belli edilen esasly çözgüdini degişli jemgyýete ýetirmelidir.

6. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere, olaryň ýuridiki tarap derejesini almagyny ret etmek ýa-da olary hasaba almakdan ýüz öwürmek baradaky çözgüdi ýetirilende, agza döwlet bu jemgyýete garşy stigmatizasiýa hökmünde kabul edilip bilinjek sözleri ulanmakdan gaça durmalydyr. Mundan başgada, bellenip geçilen çözgütleriň kabul edilmegi bilen baglylykda döräp biljek islendik şübheler, ynanmazlyk, çydamsyzlyk ýa-da jemgyýet babatynda kemsitmeler ýaly meseleleri çözmek üçin işjeň çäreler (mysal üçin: habardarlygyň ýokarlandyrylmagy, bilim maksatnamalarynyň amala aşyrylmagy we dini hem-de jemgyýetler arasynda gatnaşygy ösdürmek) görülmelidir.

7. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetlere ýuridiki tarap derejesini almaklygy ret etmek we hasaba almakdan ýüz öwürmek baradaky karar kabul edilende, bu karary netijeli şikaýat etmek we täzeden seretmek mümkinçiligini üpjün etmelidir.

*Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler üçin*

8. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere döwlet edaralary we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen açyk, konstruktiw we ynama esaslanýan dialog arkaly umumy jemgyýetde howpsuzlygy üpjün etmek boýunça tagallalara ýardam bermek maslahat berilýär.

*Raýat jemgyýetçilik guramalary üçin*

9. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna jemgyýetleri hasaba almak we ýuridiki tarap statusyny bermek çygryndaky milli kanunçylygyň, syýasatyň we iş ýüzündäki çäreleriň halkara standartlaryna gabat gelmegini hem-de degişli bähbitleri goramak boýunça tagallalara gatnaşmak maslahat berilýär.

## 4.2 "EKSTREMIST" HÄSIÝETLI ÇYKYŞLAR WE EDEBIÝAT WE HOWPSUZLYK

Aýry dine ynanýanlaryň ýa-da dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylarynyň "ekstremist" häsiýetli hasaplanýan çykyşlaryna howpsuzlyga abanýan howp hökmünde garalyp bilner. Şonuň ýaly çykyşlardan bolup biljek zyýanyň öňüni almak üçin ÝHHG-nyň käbir agza döwletleri olary jenaýata degişli etmek ýa-da olar babatynda senzura girizmek barada çözgüt kabul etdiler.

Mundan başgada, dini edebiýatlaryň, şol sanda internet ulgamyndaky we kagyz ýüzündäki görnüşleriniň, şeýle hem dini ýazgylaryň hamala "ekstremist" häsiýetli mazmuny üçin parahatçylyga we howpsuzlyga howp salyp biljekdigi baradaky gorkular aýdylýar. Şolar ýaly materiallaryň zorluk salmaklyga öjükdirýändigi, mazmunynda zorlugyň şekilleriniň ýa-da duşmançylyk diliniň bardygy, şeýle hem dini absolýutizm ýa-da dini artykmaçlyk barada beýanlaryň bardygy hakynda nygtalýar. Netijede, döwletler belli bir dini materiallary gadagan edýän ýa-da olary senzura sezewar edýän ýa-da şonuň ýaly materiallaryň ýurduň çägine getirilmegini we ýaýradylmagyny gadagan edýän çözgütleri kabul edýärler. Käbir ýagdaýlarda hökümetler dini ýazgylaryň doktrina taýdan esaslandyrylandygyny ýa-da "ekstremist" häsiýetli materiallara degişlidigini kesgitlemek üçin döwlet tarapyndan bellenen "bilermenleriň" gelen netijelerini ulanýarlar.

*Dini çykyşlar pikiriňi beýan etmek azatlygy hem-de din ýa-da ynanç azatlygy tarapyndan goralýarmy?*

Dini çykyşlar pikirleriň hem-de olary erkin beýan etmegiň hukugy, şeýlede din ýa-da ynanç azatlygy hukugy bilen goralandyr. Bu hukuklaryň ikisi hem demokratik jemgyýetler üçin esasyny goýujydyr. Olar özara garaşlydyr we bir-birini hukuklar bilen güýçlendirýändir hem-de

“aragatnaşyk erkinliginiň özara üstüni dolduryjy kepillikleri”[72] bolup hyzmat edýändirler. Adamyň içerki pikirlerini beýan etmek azatlygy demokratik jemgyýetleriň häsiýeti hökmünde plýuralizmi üpjün etmek üçin gerekdir. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň, şeýle hem şonuň ýaly jemgyýetleriň arasyndaky içerki aragatnaşyk bolsa din ýa-da ynanç azatlygynyň örän möhüm jähtidir.

### *Kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirmek babatynda haýsy kanuny çäklendirmeler girizilip bilner?*

Halkara hukugyna laýyklykda, din ýa-da ynanç azatlygy we pikir beýan etmek azatlygy hukuklary, beýleki adamlary kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän ynançlary goramak hukugyny bermeýär. Dini çykyşlaryň azatlygy halkara hukugy boýunça RSHHŞ-nyň 19-njy maddasyna laýyklykda goralýar. Bu maddanyň 3-nji bölüminde pikirleriňi beýan etmek azatlygyndan peýdalanmak “aýratyn borçnamalary we aýratyn jogapkärçiligi üstüňe atýar” diýip bellenýär we bu hukugy çäklendirmek üçin kanuny esaslaryň sanawy berilýär, başga şahslaryň hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak, şeýle hem döwlet howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny we ahlagyny goramak.

Şeýlede pikirleriňi beýan etmek azatlygy Şertnamanyň 20(2)-nji maddasy tarapyndan düzgünleşdirilýär, bu maddada agza döwletlerden milli, jyns we dini duşmançylyga çagyrýan hem-de kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän islendik çykyşy kanun taýdan gadagan etmek talap edilýär. Şeýlelikde, halkara standartlar, ýigrenji wagyz etmegiň ählisini gadagan etmeýär. Jyns esasly kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky halkara konwensiýanyň (JKÝK) 4(a) maddasy we RSHHŞ-nyň 20(2)-nji maddasy agza döwletlerden kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirýän ýigrenji wagyz

---

72 Seret: Din ýa-da ynanç azatlygynyň meseleleri boýunça ýörite hasabatçy Haýner Bilefeldiň hasabaty, 2013-nji ýylyň 26-njy oktýabry, A/HRC/25/58, https://www.ohchr.org/EN/HRBodies/HRC/RegularSessions/Session25/Pages/ ListReports.aspx; Bielefeldt, H., Ghanea, N. & Wiener, M., Freedom of Religion or Belief – An International Law Commentary [Din ýa-da ynanç azatlygy: halkara-hukuk teswirnamasy], s. 481–506.

etmäni gadagan etmekligi talap edýär. Mundan başgada, JKÝK-nyň 4(a) maddasy “jyns artykmaçlygyna ýa-da ýigrenje esaslanan pikirleri ýaýratmagyň” öjükdirmä salgylanmazdan, kanun taýdan jezalandyrylmaly jenaýat işi hökmünde ykrar edýär.

Kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän milli, jyns ýa-da dini ýigrenji wagyz etmegiň gadagan edilmegi baradaky Rabat Hereketler meýilnamasy, hökmany suratda ýuridiki güýje eýe bolmasa-da, halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giňden makullanandyr. Onda belli bir çykyşlaryň “kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirýändigini” we olar babatynda gadagançylyk hukuk çärelerini kabul etmek üçin şol çykyşlaryň ýeterlik derejede çynlakaýdygyny kesgitlemek üçin alty sany kriteriýler berlen. Bu alty kriteriýlere, kontekst, ýagny çykyşyň awtory (hususanda, bu adamyň ýa-da guramanyň statusy we ýetirýän täsiri), maksady, çykyşyň mazmuny ýa-da görnüşi, çykyşyň açyklygy, şeýle hem zyýan ýetirmegiň ähtimallygy (we gaýtarylmasyzlygy) degişli.[73]

---

73 Kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýän milli, jyns ýa-da dini ýigrenji wagyz etmegiň gadagan edilmegi baradaky Rabat Hereketler meýilnamasy, seret: Birleşen Milletler Guramasynyň Adam Hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň milli, jyns ýa-da dini ýigrenji öjükdirmegi gadagan etmegi baradaky hasabaty, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy, 2013-nji ýylyň 11-nji ýanwary, goşundy, b.29, https://undocs.org/A/HRC/22/17/Add.4. Alty bölümden ybarat bu synag dürli garaşsyz bilermenler we adam hukuklaryna gözegçilik edýän guramalar tarapyndan goldanyldy, mysal üçin “Birleşen Milletler Guramasynyň din ýa-da ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysynyň hasabaty (Kollektiw dini ýigrenjiň ýüze çykmagyna garşy göreş)”, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy, UN Doc. A/HRC/25/58, 2013-nji ýylyň 26-njy dekabry, b. 58 https://undocs.org/A/HRC/25/58; we “Umumy maslahat 35: Jynsparaz ýigrenji sözlere garşy göreş”, Jyns taýdan kemsitmeleri ýok etmek baradaky komitet, UN Doc. CERD/C/GC/35, 2013-nji ýylyň 30-njy awgusty, b. 15 http://undocs.org/en/CERD/C/GC/35. Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti çykyşlaryň dartgynly syýasy ýa-da jemgyýetçilik nukdaýnazaryndan edilendigini ýa-da ýokdugyny kesgitlemek üçin şuňa meňzeş ölçegleri ulanýar; bu çykyşlara adalatly we gönüden göni ýa-da has giň nukdaýnazardan seredilende olara zorluk salmaklyga gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn çagyrýan ýa-da zorluk salmany, duşmançylygy we çydamazlygy aklaýan hökmünde garap bolarmy; bu çykyşlar haýsy usul bilen edildi we olar gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn zyýanly netijelere getirmeginiň ähtimallygy barmy; şeýle hem, ulanyljak jeza barabarmy. Seret: Perinçek v. Switzerland [“Perinçek Şweýsariýa garşy” AHÝK-niň Uly palatasyy], 27510/08 belgili ýüzlenme, 2015-nji ýylyň 15-nji oktýabryndaky çözgüt, b. 204–208; Stomakhin v. Russia [Stomahin Russiýa garşy], 52273/07 belgili ýüzlenme, 2018-nji ýylyň 8-nji oktýabryndaky çözgüt, b. 88–134, esasan hem b. 93. http://hudoc.echr.coe.int/eng?i=001–182731o.

“Ekstremist” häsiýetli ýaly görünýän dini çykyşlar babatynda jenaýat jogapkärçiligini girizmezden, olaryň awtorlaryny yzarlamazdan ýa-da degişli azatlyklaryň ýerine ýetirilmegine gatyşmaklygy göz öňünde tutýan beýleki çäklendirmeleri girizmezden ozal, döwlet edaralary belli bir faktlary kesgitlemeli. Olar ýokarda agzalan alty kriteriýleri göz öňünde tutup, çykyşda hakyky kemsitme, duşmançylyk ýa-da zorluk hereketlerine öjükdirmäniň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitlemek üçin oňa baha bermeli.[74] Hukuk goraýjy edaralaryň we kazyýet ulgamynyň işgärlerine Rabat Hereketler meýilnamasynda görkezilen alty kriteriýlere düşünmek we ulanmak boýunça tälim okuwynyň berilmegi, ýigrenje öjükdirilmegiň “çägine” ýetilendigini dogry kesgitlemäge ep-esli derejede ýardam edip biler. Diňe RSHHŞ-nyň 20(2)-nji maddasynyň çägine düşýän çykyşlar gadagan edilmäge degişlidir. Mundan başga-da, söz azatlygyna degişli ähli çäklendirmeleriň umumy düzgünleri we rugsat edilýän çäklendirmeler bilen baglanyşykly kepillikleri, hatda 20(2) madda degişlilikde hem, kanagatlandyrmalydygy sebäpli, 19(3)-nji madda laýyklykda ähli çäklendirmeler agza döwletler tarapyndan esaslandyrmalydyrlar.[75] Şu nukdaýnazardan, Rabat Hereketler meýilnamasy öjükdirmelere jogap çärelerini görmegiň üýtgäp durýan jetwelini teklip edýär we ondaky göz öňünde tutulýan jenaýat hukuk çäreleri ulanyljak iň soňky çäre bolmalydyr.[76]

## *Dini edebiýatlaryň orny nähili?*

1989-njy ýylda ÝHHG-nyň agza döwletleri dine uýýanlaryň we dini jemgyýetleriň keramatly kitaplary we dini neşirleri, şeýle hem dinini ýa-da ynanjyny amala aşyrmak üçin gerek bolan beýleki neşirleri we materiallary öz islän dillerinde almak, saklamak we ulanmak hukugyna sarpa goýjakdyklaryny tassykladylar. Şeýle hem, dini ynançlara,

---

74 Stomakhin v. Russia [Stomahin Russiýa garşy], 52273/07 belgili ýüzlenme, 2018-nji ýylyň 8-nji oktýabryndaky çözgüt, b. 93.

75 Umumy maslahat 34, 19-njy madda: “Pikir we özüňi beýan etmek azatlygy”, Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça komiteti, UN Doc. CCPR/C/GC/34, 2011-nji ýylyň 11-29-njy iýuly, b. 52, https://undocs.org/en/CCPR/C/GC/34.

76 29-njy bellikde bellenip geçilen “Birleşen Milletler Guramasynyň din ýa-da ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysynyň hasabaty”, b. 58. Şeýlede seret: 73-nji bellikde bellenip geçilen “Rabat Hereketler meýilnamasy”, goşundy, b. 34.

edaralara we guramalara dini neşirleri we materiallary öndürmäge, import etmäge we ýaýratmaga rugsat bermäge borçlandylar.[77]

Dini edebiýat dini beýan etmegiň bir görnüşi bolup, pikir we ony beýan etmegiň azatlygy hem-de din ýa-da ynanç azatlygy bilen deň derejede goralýar. Şonuň ýaly edebiýatyň öndürilmegine, import edilmegine we ýaýradylmagyna gatyşmaklyk, ýokarda beýan edilen adam hukuklarynyň bozulmagyna getirip biler we hökmany ýagdaýda RSHHŞ-nyň 18(3)-nji we 19(3)-nji maddalarynda bellenilen talaplara görä esaslandyrylan bolmalydyr. "Döwlet howpsuzlygyny" goramak pikirleriňi beýan etmek azatlygynyň çäklendirilmegi üçin sebäpleriň biri hökmünde ulanylmagy mümkin, ýöne ol 18(3)-nji maddasynda görkezilen sebäpleriň arasynda görkezilmedikdir, bu bolsa biriniň öz dinini beýan etmeginiň azatlygynyň şu sebäpden çäklendirilmeli däldigini aňladýar.

Dini edebiýat bilen baglanyşykly ýygy-ýygydan ýüze çykýan iki mesele, şeýle edebiýatlaryň zorluk barada wakalary we şekilleri özünde saklap bilmegi, we dini absolýutizm we artykmaçlygy baradaky pikirleri öňe sürmegi bolup biler. Dini edebiýat bilen zorlugyň arasyndaky baglanyşyk çylşyrymly, jedelli we bu neşiriň çäginiň daşynda.[78] Emma zyýanyň we zorlugyň elmydama adam hereketleriniň netijesidigi düşnüklidir. Şol esasda, BMG-niň din ýa-da ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysy şeýle belläp geçdi:

*"Zorlugy aýry dinleriň ýa-da umuman diniň tebigaty bilen baglaşdyrýan ýalňyş "essensialistik" garaýyşlardan uzak durmak gerek [...] zorlukly hereketler din tarapyndan dälde, eýsem elmydama adamlar tarapyndan amala aşyrylýar. Aýry-aýry şahslar, toparlar, jemgyýetiň ýolbaşçylary, hökümetiň wekilleri, hökümete degişli däl taraplar we beýlekiler zorlugy*

---

77 Wena Jemleýji Resminamasy 1989, b. 16.9. Mundan başgada, 1981-nji ýyldaky BMG-niň "Din ýa-da ynanç esasynda çydamsyzlygyň we kemsitmeleriň ählisini ýok etmek baradaky Jarnamasy" şuny belläp geçýär, ýagny din ýa-da ynanç azatlygy degişli neşirleri taýýarlamak, çap etmek we ýaýratmak (madda 6(d)), şeýle hem din ugrunda aýry şahslar we jemgyýetler bilen milli we halkara derejede (madda 6(i)) gatnaşyk gurmagy we ony dowam etdirmek azatlygyny hem öz içine alýar.

78 Diniň we zorlugyň arasyndaky gipotetiki arabaglanyşygyň seljermesi, seret: Din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça BMG-niň ýörite hasabatçysynyň hasabaty, BMG-niň Baş Assambleýasy, UN Doc A/HRC/28/66, 2014-nji ýylyň 29-njy dekabry, https://undocs.org/A/HRC/28/66.

*kanunlaşdyrmak, saklamak, ýaýratmak ýa-da güýçlendirmek maksady bilen dine ýa-da belli bir dini ýörelgelerini ulanýan adamlaryň – hut özleridir. Başgaça aýdanymyzda, diniň we zorlugyň arasynda hiç haçan gönüden-göni baglanyşyk bolup bilmez; olar elmydama adamyň hereketleriniň üsti bilen baglanýarlar, ýagny aýry şahslar ýa-da toparlar bu arabaglanyşygy işjeň döredýär ýa-da ony üzýär”.*[79]

Zorluk baradaky hekaýalary we suratlary taryhy kontekste ýerleşdirýän düşündirişleri taýýarlamak we ýaýratmak, tankydy pikirlenmäniň ösüşini höweslendirýär we adam mertebesini we hukugyny tassyklaýan gymmatlyk barada düşünjäniň alynmagyna ýardam berýär. Şunuň ýaly çemeleşme has netijelidir, we dini tekstleri gadagan etmegiň ýa-da olary senzura sezewar etmegiň ýa bolmasa ýaýradylmagyny çäklendirmegiň deregine, öz pikirleriňi beýan etmek azatlygyna hem-de din ýa-da ynanç azatlygyna has uly sarpa goýýandyr.

Hakykata eýe çykmak ymtylyşy dini we dini däl ynanç ulgamlarynyň köpüsine mahsusdyr; olar belli bir diniň ýa-da ynançlaryň ulgamynyň talaplaryna laýyklykda hakykata ýetmegiň we dogruçyl dindar durmuşy ýaşamagyň diňe bir ýolunyň bardygy baradaky pikiri öňe sürüp bilerler. Bu bir diniň ýa-da ynançlar ulgamynyň, şol sanda onuň etiki we ahlak taglymatynyň beýleki dinlerden has ýokarydygy baradaky pikiriň emele gelmegine sebäp bolup biler. Onuň ýaly garaýyşlar bolsa öz gezeginde, jemgyýetiň içinde dawalaryň we durnuksyzlygyň emele gelmegine sebäp bolup biler. Tä bu ymtylyşlar başga adamlaryň kemsidilmegini, duşmançylygy we zorlugy öjükdirýän çykyşlara sebäp bolýança, olar din we ynançlaryň köpdürlüliginiň beýan edilişiniň bir bölegi bolar hem-de pikirleriňi beýan etmek azatlygy we din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň çäklerinde goralar.[80]

Hakykata eýe çykmak ymtylyşlary bilen edilýän çykyşlara jeza berlen ýagdaýynda, din ýa-da ynanç ulgamynda aragatnaşyk azatlygyna

---

79 *Şol ýerde b. 15.*
80 Din artykmaçlygynyň jenaýatlaşdyrylmagy baradaky maslahatlaşma üçin seret: “Birleşen Milletler Guramasynyň din ýa-da ynanç azatlygy boýunça ýörite hasabatçysynyň hasabaty”, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy, b. 66–68, UN Doc. A/HRC/31/18, 2015-nji ýylyň 23-nji dekabry, https://undocs.org/A/HRC/31/18.

çäklendiriji täsir ederdi. Şu sebäpden, haýsam bolsa bir diniň ýa-da ynanjyň artykmaçlygy baradaky çykyşlaryň çäklendirilmegini ýa-da jenaýatlaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan kanunlaryň ählisi ýatyrylmalydyr. Ahyrsoňynda, oňat ösen aragatnaşyk we bilim ölçeglerini öz içine alýan din ýa-da ynanç azatlygy, dürli jähtlerden we garaýyşlardan şolar ýaly çykyşlary tankyt etmek, maslahatlaşmak we bahalandyrmak üçin oňat gurşawyň döremegine getirýär. Bu ýagdaý, hem şol bir diniň ýa-da ynanç ulgamynyň aýry-aýry tarapdarlarynyň arasynda hem-de dürli dinlere ýa-da ynançlara uýýanlaryň arasynda umumy garaýyşlary tapmagy aňsatlaşdyryp biler.

### *“Ekstremist” dini edebiýatyna baha bermekde döwlet tarapyndan bellenilen bilermenleriň roly barmy?*

ÝHHG-nyň agza döwletleriniň käbirleri dini edebiýatlaryň “ekstremist” häsiýete eýedigine ýa-da däldigine baha bermek üçin bilermenleri belleýärler we olaryň pikirlerine bil baglaýarlar. Bu adalganyň ulanylmagy sebäpli döreýän aladalary we bilermenleriň arasynda dini edebiýatlary düşündirmek boýunça belli bir kriteriýleriň döredilmegine degişli çemeleşmeler boýunça ylalaşygyň ýokdugyny göz öňünde tutup, şular ýaly bilermenleriň çykaran çözgütleri dini edebiýatlaryň we dini işleriň senzura ýa-da gadagan edilmegine gönükdirilen çäreleriň girizilmegi üçin ýeterlik ynamdar esas hasaplanyp bilinmeýär. Şeýlelikde, şolar ýaly edebiýatlara dogry baha bermäge ygtyýarlandyrylan döwlet bilermenleriň bellenmegi şübheli bir ädimdir. Din ýa-da ynanç azatlygy dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere özleriniň dini edebiýatlaryna we dini taglymatlaryna özbaşdak düşündiriş bermek hukugyny öz içine alýandyr. Dini edebiýatlara baha bermäge ygtyýarly döwlet edaralary bu düşündirişleri hökmany ýagdaýda göz öňünde tutup, şol bir edebiýata bilermenler tarapyndan berlen düşündirişlere dessine artykmaçlyk bermeli däldirler.

*Din ýa-da ynanç sebäpli kemsitmäniň, ýigrenjiň we çydamsyzlygyň has giň medeniýetine garşy göreşmek üçin näme edip bolar?*

ÝHHG-nyň agza döwletleriniň bellemegine görä, kemsitme we çydamsyzlyk howpsuzlygy we durnuklylygy bozýan dawalary döredip biljek faktorlara degişlidir,[81] we şol sebäpden köp ýyllaryň dowamynda olar din we ynanç sebäpli kemsitmäni we çydamsyzlygy ýok etmeklige gönükdirilen täsirli çäreleriň zerurdygyny aýdyp gelýärler.[82]

Din ýa-da ynanç sebäpli kemsitmelere, ýigrenje we çydamsyzlyga garşy göreşde oňyn rol oýnap biljek çäreler öz içine habar beriş serişdeleriniň tagallalary bilen birlikde habarlylygy ýokarlandyrmaklygy, bilim maksatnamalaryny, şeýle hem dinleriň arasynda gepleşikleri we hyzmatdaşlygy alýar. Dini çydamsyzlygyň düýp sebäplerini aradan aýyrmaga hem-de adamlaryň arasynda we dürli dinlere we ynançlara wepaly jemgyýetleriň arasynda özara düşünişmegi we ynamy pugtalandyrmaga kömek etjek şular ýaly çäreler, bu ugurda köp sanly borçnamalaryň bar bolmagyna garamazdan ÝHHG sebitinde entek hem ýeterlik derejede ulanylmaýar.[83]

Habardarlygy ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalar, jemgyýetçiligi dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler we olaryň hukuklary barada has giňişleýin habardar edip biler. Dürli dinlere we ynançlara has köp düşünmegi we hormat goýmagy öňe sürmek bilen, bu maksatnamalar jemgyýetde kemsitmäniň, duşmançylygyň we çydamsyzlygyň

---

81 “ÝHHG-nyň XXI asyrda howpsuzlyga we durnuklylyga abanýan howpy çözmek strategiýasy”, ÝHHG, Maastriht 2003, b. 36/

82 ÝHHG-nyň degişli resminamalaryna we şertnamalaryna seret: 16-njy bellikde bellenip geçilen Kopengagen Resminamasy 1990, Pariž Hartiýasy 1990, “Helsinki Resminamasy: Üýtgeşmeler döwrüniň çagyryşlary” 1992, ÝHHG, ÝHHG-niň Ministrler Geňeşiniň Rimdäki dördünji duşuşygynyň resminamasy 1993, ÝHHG, Budapeşt Resminamasy 1994, Stambul Resminamasy 1999, “Ministrler Geňeşiniň Buharestdäki dokuzynjy duşuşygynyň resminamasy” 2001, ÝHHG, “Ministrler Geňeşiniň Portudaky onunjy duşuşygynyň resminamasy” 2002, ÝHHG (mundan beýläk “Portu Resminamasy 2002”), Maastriht Resminamasy 2003, Sofiýa Resminamasy 2004, Lýublýana Resminamasy 2005, Brýussel Resminamasy 2006, Madrid Resminamasy 2007, Helsinki Resminamasy 2008, Afiny Resminamasy 2009, 8-nji bellikde bellenip geçilen Kiýew Resminamasy 2013.

83 Şuňa meňzeş oňyn çäreler Rabat Hereketler Meýilnamasynda teklip edildi, goşundy, b. 23–29 (74-nji bellikde bellenip geçilen).

ösmegine ýardam we goldaw berýän ters pikirleriň we negatiw stereotipleriň gerimini azaldyp biler. Döwlet edaralary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, medeni miras merkezleri, milli adam hukuklary institutlary, raýat jemgyýetçilik guramalary, dinler we ynançlar arasy guramalar, bilim ugrundaky bilermenler hem-de dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleri bularyň ählisi bu ugurda özleriniň saldamly goşantlaryny goşup bilerler.

Bilim, esasanam adam hukuklary çygrynda, din ýa-da ynanç esasynda kemsitmeklige we çydamsyzlyga garşy göreşmekde esasy rol oýnaýandyr.[84] Bu proses resmi mekdep bilimi bilen çäklenmän ömürboýy dowam etmelidir. Bilelikdäki parahatçylykly ýaşaýşy emele getirmek üçin adamlara köpdürlüligiň gymmatlygyna hem-de her bir kişiniň mertebesine we hukugyna, şeýle hem din ýa-da ynanç hukugyna sarpa goýmaklyga esaslanýan çydamlylyk we özara düşünişmekligi terbiýeleýän bilim proseleri gerekdir. ÝHHG sebitinde mekdepler dini, dünýägaraýyşly we medeni köpdürlüligi barha ösýän şertlerinde zerur bolan bilimleri we endikleri, şol sanda tankydy pikirlenme endigini ösdürmelidirler we olar barada maglumat bermelidirler.[85]

Zenanlar we gyzlar uýýan dininiň egin-eşiklerini geýip, belli bir dini adatlara uýýandygy sebäpli göwne degiji ýa-da kemsidiji çykyşlaryň, şeýle hem olaryň uýýan dinine bolan ýigrenjiň netijesinde jenaýatlaryň we beýleki wakalaryň proporsional däl derejede nyşanyna öwrülýärler. Bu zenanlar iki esse kemsidilmä sezewar bolýarlar, jynsy we uýýan dini

84 ÝHHG-nyň DIAHE-nyň we UNESCO-nyň bilelikdäki neşirine seret: “Bilimiň üsti bilen antisemitizme garşy göreşmek: Syýasat düzüjiler üçin gollanma (Warşawa: DIAHE, 2018), onda adam hukuklaryna, global raýatlyk äheňindäki bilim konsepsiýasyna hem-de inklýuziwlik we gender deňligi ýörelgelerine esaslanan bilim maksatnamalary arkaly antisemitizme, ters pikirlere garşy göreşmek we çydamlylygy ösdürmek boýunça anyk çäreler teklip edilen. https://www.osce.org/odihr/383089. Şeýlede seret: “Musulmanlar babatynda çydamsyzlyga we kemsitmelere garşy göreşmek: mugallymlar üçin gollanma (bilimiň üsti bilen islamofobiýa garşy göreşmek)”, Warşawa, DIAHE, 2011ý., https://www.osce.org/odihr/84495.

85 Seret: “Final Document of the International Consultative Conference on School Education in Relation to Freedom of Religion or Belief, Tolerance and Non-Discrimination” [Mekdep maksatnamalarynda din we ynanç azatlygy, çydamlylyk we kemsitmezlik meseleleriniň görkezilmegine bagyşlanan halkara konsultatiw maslahatyň jemleýji resminamasy], UN Doc. E/CN.4/2002/73, goşundy https://undocs.org/E/CN.4/2002/73.

sebäpli. Şunuň bilen baglylykda, bilim, umuman alanyňda aýal-gyzlaryň dini ynançlaryny alyp baryş usullaryna we olaryň saýlap alan ugurlaryna has gowy düşünmeklige ýardam bermelidir.

ÝHHG-nyň agza döwletleri dinler we ynançlar arasyndaky gatnaşygyň aç-açan we aýdyň bolmagynyň, şeýle hem dürli dinlere we ynanç ulgamlaryna degişli adamlaryň arasyndaky, şeýlede dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk baglarynyň wajyplygyny ykrar edýärler.[86] Bu dini ýa-da ynanç sebäplerinden çydamsyzlygyň we kemsitmäniň garşysyna göreşmäge ýardam berýär we şeýlelikde has ygtybar howpsuzlyga goşant goşýar.[87]

Din ýa-da ynanç azatlygynyň hereket edýän çägi dinleriň arasynda we ynanç ulgamlaryň arasynda gatnaşyklaryň we maglumat çalşygynyň, şol sanda dinleriň arasyndaky gepleşikleriň görnüşleriniň ählisini öz içine alýar. Din ýa-da ynanç azatlygy bu adamyň ählumumy hukugydyr, şonuň üçin hem dinler arasyndaky we ynançlar arasyndaky gatnaşyklar üçin jemgyýetçilikde bar bolan dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň, şol sanda ýakynda döredilen we adam sany az bolan toparlaryň köpdürlüligini göz öňünde tutýan inklýüziw çemeleşme zerurdyr.

ÝHHG-nyň agza döwletleri "açyk we aýdyň medeniýetara, dinara we ynançara gatnaşyklary we hyzmatdaşlyklary öňe sürmäge we aňsatlaşdyrmaga" borçlandylar.[88] Gatnaşyk çygryndaky döwlet tarapyndan goldaw berilýän we höweslendirilýän islendik başlangyçlaryň kemsidiji

86 BMG-niň Adam hukulary boýunça Geňeşi "pikirleriň aç-açan köpçülikleýin maslahatlaşylmagy, şeýle hem ýerli, milli we halkara derejede dinara we medeniýetara gatnaşyklaryň bolmagy, dini çydamsyzlyga garşy goranmagyň iň oňat usullaryň biri bolup biler" diýip belläp geçdi (BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi tarapyndan kabul edilen Rezolýusiýa №16/18, UN Doc, A/HRC/RES/16/18, 2011-nji ýylyň 24-nji marty, b. 4, https://undocs.org/A/HRC/RES/16/18.

87 Dinara we ynançlarara gatnaşyklara salgylanma ÝHHG-nyň borçnamalarynyň birnäçesinde bardyr, şol sanda Portu resminamasy 2002, Maastriht Resminamasy 2003, Sofiýa Resminamasy 2004, Lýublýana resminamasy 2005, Helsinki Resminamasy 2008, Kiýew Resminamasy 2013, "Ministrler Geňeşiniň Bazeldäki ýigrimi birinji duşuşygynyň Jemleýji resminamasy 2014".

88 8-nji bellikde bellenip geçilen ÝHHG, Ministrler Geňeşi, Çözgüt №3/13 we ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 8/14 belgili Jarnamasy, "Antisemitizme garşy göreşmek boýunça tagallalary ösdürmek", Bazel 2014, mundan başgada, agza döwletler

däl bolmagy hem-de meýletin esasda gatnaşýan dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň garaşsyzlygyna doly manyda sarpa goýulmagy wajypdyr. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler hem döwlet tarapyndan tassyklanma ýa-da rugsat almasyz dinara we ynançlarara gatnaşyklary özbaşdak ýola goýmaga erkindirler. Raýat jemgyýetçilik guramalarynyň dinleriň we ynançlaryň arasynda gatnaşyklary we hyzmatdaşlyklary höweslendirmekde we goldamakda orunlary bardyr.Dinleriň we ynançlaryň arasynda gatnaşyklaryň hemmeler üçin gabat gelýän belli bir çemeleşmesiniň ýokdugyny belläp geçmek gerek; şonuň ýaly gatnaşyklar resmi ýa-da resmi däl ýagdaýda ähli derejelerde, ýagny ýerli, milli we halkara derejelerde geçip biler. ÝHHG sebitinde dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda resmi ýagdaýda üstünlikli geçirilen çäreleriň köp sanly mysaly bardyr. Muňa garamazdan, özara düşünişmegi, sosial ysnyşyklygy we howpsuzlygy öňe sürmekde aşaky derejelerde resmi däl hereketleriň roly ýeterlik däl derejede bolmagyna galýar. Aragatnaşyk çygryndaky resmi we resmi däl çärelerine biri-birini doldurýan hökmünde garamaly we degişli strategiýalar düzülende bu iki ugry hem deň derejede hasaba almaly. Şeýle hem, ähli dinleriň arasyndaky we ynançlaryň arasyndaky başlangyçlarda zenanlaryň doly we deň derejede hem-de ýaşlaryň saldamly we manyly gatnaşmaklary üçin ulgamlaýyn tagallalary amala aşyrmak zerurdyr, sebäbi bu toparlar şunuň ýaly işlere ýeterlik derejede çekilmeýär, bu bolsa olaryň sesleriniň eşidilmek mümkinçiligini azaldýar.[89]

Jemgyýetçiligiň dinleriň we ynançlaryň köpdürlüligine bolan garaýşyny kemala getirmekde hususy we döwlet köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň orny hem wajypdyr. Jemgyýetleriň garaşsyzlygyna we erkinligine sarpa goýmak bilen birlikde, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler hakynda anyk maglumat bermäge hem-de wakalary adalatly beýan etmäge borçludyrlar. Köpçülige ähli dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler

“medeniýetara, dinara we ynançara gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlyklaryň aç-açan we aýdyň öňe sürülmegine we aňsatlaşdyrylmagyna” çagyrýarlar.

89 Mysal üçin, 2007-nji ýylda Madridde agza döwletler “medeniýetleriň we dinleriň arasynda özara hormat goýmakda we düşünişmekde ýaşlaryň eýeläp biljek wajyp ornuny” aç-açan ykrar etdiler.

barada oňyn maglumatlary teklip etmek hem-de ýaramaz we kemsidiji ters pikirlerden daşda durmak bilen birlikde, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri aýratyn adamlaryň we jemgyýetleriň hakyky durmuş tejribesine daýanýan hem-de bar bolan kynçylyklardan ýüz öwürmeýän has çydamly jemgyýetçilik garaýşynyň kemala gelmegine öz goşantlaryny goşup bilýärler. Şol bir wagtyň özünde hem, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri dürli dini we ynançlary bolan adamlaryň barlygy hakynda aýratyn möhüm köpçülikleýin garaýşyň ösüşine gatnaşýan esasy gyzyklanma bildirýän taraplaryň biri bolup durýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wajyp orny hakynda ÝHHG-nyň birnäçe borçnamalarynda[90] bellenilip geçilýär, olar "žurnalistler tarapyndan meýletin professional standartlaryň kabul edilmegini, KHS-niň öz-özüni dolandyrmagyny we uly professionallygy üpjün etmek üçin gabat gelýän mehanizmleri, žurnalistleriň arasynda etiki kadalara ygrarlylygy"[91] höweslendirýärler. Soňky ýyllarda, sanly gurşaw dini ýa-da ynanç sebäpli kemsitmelere, duşmançylyga we zorluga öjükdirmeleriň we çydamsyzlygyň beýan edilýän ýerine öwrüldi. Bu hadysa garşy göreşmek üçin sosial media platformalarynda çydamlylygy, düşünmegi we başgalaryň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmagy öňe sürýän bilim çäreleri gyssagly zerurdyr.

---

90 ÝHHG-nyň dürli resminamalaryna seret: Stambul Resminamasy 1999, Portu Resminamasy 2002, Lýublýana Resminamasy 2005, Sofiýa Resminamasy 2004, Brýussel Resminamasy 2006 we Madrid Resminamasy 2007.

91 Brýussel Resminamasy 2006 b. 9 we Madrid Resminamasy 2007 b. 9. Şunuň bilen baglylykda, Pikirleriňi beýan etmegiň azatlygy we deňlik boýunça Kemden ýörelgeleriniň manysyny we aktuallygyny belläp geçmek gerek. Kemden ýörelgeleri pikirleriňi beýan etmegiň azatlygynyň, şol sanda jemgyýetçilikde deňligi we kemsidilmezligi höweslendirmek üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulanylmagyny goldaýar. 6-njy ýörelgä laýyklykda, "ähli KHS-ler ahlak we sosial jogapkärçiliginden ugur alyp: (i) özleriniň işgärler sanawynyň dürlidigine we umuman jemgyýetçilige wekilçilik edýändigine göz ýetirmeli; (ii) mümkin boldugyndan jemgyýetçilikdäki ähli toparlara degişli meseleleri öwrenmeli; (iii) jemgyýetleri bitewi birleşme hökmünde göz öňüne getirmek ýerine, dürli jemgyýetleriň içinde çeşmeleriň we sesleriň dürlüligine tarap ymtylmaly; (iv) kabul edilen professional we etiki standartlara gabat gelýän, maglumatlary bermegiň ýokary standartlaryna gabat gelmeli." Seret: "Pikirleriňi beýan etmegiň azatlygy we deňlik barada Kemden ýörelgeleri", 19-njy madda Gurama, http://www.article19.org/data/files/pdfs/standards/the-camden-principles-on-freedom-of-expression-and-equality.pdf.

## Maslahatlar

*Agza döwletler*

1. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler we olaryň adam hukuklary barada habardarlygy ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalary işläp taýýarlamak mümkinçiligini göz öňünde tutmaly. Bu maksatnamalar raýat jemgyýetçilik guramalarynyň, milli adam hukuklary institutlarynyň, medeni miras merkezleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, bilim hünärmenleriniň we dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň gatnaşmagynda bilelikde düzülip bilner.

2. Agza döwletler ähli derejedäki mekdep maksatnamalarynyň dinleriň we ynançlaryň köpdürlüligi barada ters däl we anyk maglumatlary bermegini hem-de okuwçylarda çydamlylyk we adam hukuklaryna sarpa goýmaklyk düşünjesini kemala getirmegini üpjün etmeli. Şeýle de, bilim prosesi dürli dinlere we ynançlara uýýan okuwçylaryň bir-birleri bilen özarabaglanyşykly iş alyp barmaklygyna mümkinçilik bermeli, şunuň ýaly ýagdaýda, okuwçylar öz tejribesinde tebigy we manyly ýagdaýda tapawutlylygyň we köpdürlüligiň manysyna düşünip bilerler.

3. Agza döwletlere dinara we ynançlarara gatnaşyklar ugrundaky başlangyçlary we dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň garaşsyzlygyna hem-de şular ýaly çärelere meýletin gatnaşmagyna sarpa goýmak bilen birlikde jemgyýetçiligiň ähli derejelerindäki degişli hyzmatdaşlyk baglaryny höweslendirmek we goldamak maslahat berilýär. Döwletler şunuň ýaly başlangyçlaryň dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň bar bolan we kemala gelýän köpdürlüligini görkezýändigine göz ýetirmeli, şeýle-de, erkekleriň we zenanlaryň deň gatnaşmagyny hem-de ýaşlaryň saldamly we manyly gatnaşmagyny üpjün etmeli.

4. Agza döwletler iň aşaky derejede resmi däl gatnaşyklaryň jemgyýetçilikde özarabaglanyşygy pugtalandyrmak we çydamlylygy höweslendirmek nukdaýnazaryndan möhüm potensialyny nazara alyp, bu işleri ýola goýmak boýunça tagallalary höweslendirmeli we goldamaly.

5. Dini ýa-da ynanç sebäpli kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmelere garşy göreşmek boýunça çäreleri geçirmek arkaly, agza döwletler pikirleriň we olary beýan etmegiň azatlygy, şeýle hem din ýa-da ynanç azatlygy çygryndaky adam hukuklary boýunça halkara hukuk namalaryndaky borçnamalaryny ýerine ýetirmeli. Esasan hem agza döwletler umumy kadalary berjaý etmeli we RSHHŞ-nyň 18(3)-nji we 19(3)-nji maddalarynda bellenilen mümkin bolan çäklendirmeler babatynda göz öňünde tutulan kepillikleri we RSHHŞ-nyň 20(2)-nji maddasynyň kemsitmä, duşmançylyga we zorluga öjükdirmäni wekillendirýän milli, jynsparaz we dini ýigrenji wagyz etmekligi gadagan edýän talaplaryny berjaý etmeli

6. Agza döwletlere ýigrenje öjükdirme çäklerine ýetilendigine ýa-da ýetilmändigine düşünmek üçin Rabat Hereketler Meýilnamasynda teklip edilen alty kriteriýlere (kontekst; çykyşyň awtory; maksat; mazmun ýa-da görnüş; çykyşyň açyklygy; we zyýan ýetmeginiň ähtimallygy we gutulgysyzlygy) düşünmek we olary ulanmak boýunça hukuk goraýjy we kazyýet edaralarynyň işgärlerine tälim okuwyny gurnamak maslahat berilýär.

7. Agza döwletler diniň ýa-da ynanjyň artykmaçlygy barada tassyklamalar üçin jeza bermegi göz öňünde tutýan kanunlaryň ählisini ýatyrmalydyrlar, çünki şonuň ýaly tassyklamalar “ekstremist” häsiýetli däldirler.

8. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň dini edebiýatlarynda “ekstremizm” häsiýetiniň bardygyna baha bermek we düşündirmek üçin diňe döwlet tarapyndan bellenilen

bilermenleriň çykaran netijelerini ulanmak tejribesinden ýüz öwürmeli.

9. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň guramaçylyk gurluşyna we garaşsyzlygyna, şeýle hem bu jemgyýetleriň meýletin gatnaşmagyna sarpa goýmak bilen, döwletler öz ýurisdiksiýasynyň çäklerinde din ýa-da ynanç azatlygyny hem-de ähli taraplar üçin howpsuzlygy berkitmek maksady bilen, ähli jemgyýetler bilen işjeň we ulgamlaýyn özara hereket etmeli. Agza döwletler ynamy pugtalandyrmak maksady bilen, milli, sebitleýin we ýerli derejelerde hemişelik aragatnaşyk kanallaryny we utgaşdyryjy merkezlerini döretmeli, elbetde dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň gatnaşmagynda.

*Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler*

10. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere dinara we ynançlarara gepleşiklere gatnaşmak we degişli hyzmatdaşlyk baglaryny ösdürmek maslahat berilýär.

11. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere dinara we ynançlarara gepleşikleriň çäklerinde geçirilýän çärelerde zenanlaryň deň gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen olary işjeň goşmak maslahat berilýär.

12. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere dinara we ynançlarara gepleşikleriň çäklerinde geçirilýän çärelerde ýaşlaryň saldamly we manyly gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen olary işjeň goşmak maslahat berilýär.

13. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylary kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmäni, ýigrenji wagyz etmekligi aýgytly we gaýragoýulmasyz ýazgarmaly hem-de şunuň ýaly wagyzlary ýaýradýan dindeşlerini öz jemgyýetinden uzaklaşdyrmaly.

14. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere döwlet edaralary we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen işjeň we ulgamlaýyn işleşmek hem-de din ýa-da ynanç azatlygyny we hemmeleriň howpsuzlygyny pugtalandyrmak ugrunda tagallalary bilelikde amala aşyrmak maslahat berilýär.

*Raýat jemgyýetçilik guramalary*

15. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler barada we olaryň adam hukuklary barada köpçüligi habardar etmek üçin habardarlygy ýokarlandyrmak maksatnamalarynyň taýýarlanylyşyna we durmuşa geçirilişine gatnaşmak maslahat berilýär.

16. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna dini çydamlylyk we özara düşünişmek medeniýetini ösdürmek, şeýle hem täze media ulgamlarynyň din ýa-da ynanç sebäpli kemsitmelere, duşmançylyga we zorluga öjükdirmek üçin meýdança hökmünde ulanylmagynyň öňüni almak maksady bilen sosial ulgamlaryny ulanmak maslahat berilýär.

17. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna din ýa-da ynanç azatlygyny we hemmeler üçin howpsuzlygy pugtalandyrmak maksady bilen döwlet edaralary, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen ulgamlaýyn işleşmek maslahat berilýär.

18. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna kemsitmelere, duşmançylyga we zorluga öjükdirýän wagyzlara garşy çykyş edýän dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylaryny goldamak maslahat berilýär.

19. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna din ýa-da ynanç sebäpli kemsitmelere we çydamsyzlyga garşy göreşmäge kömek edýän, adamlaryň we dürli dinler ýa-da ynançlar bilen bagly

jemgyýetleriň arasynda özara düşünişmäni we özara hormat goýmaklygy berkidýän, hem-de hemmeler üçin din ýa-da ynanç azatlygyny pugtalandyrýan dinara we ynançlarara gepleşiklerine we hyzmatdaşlyklaryna goldaw we kömek bermek maslahat berilýär.

20. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna dürli dinlere ýa-da ynançlara uýýan adamlaryň bilelikde ýaşamagynyň meselelerine bagyşlanan örän wajyp jemgyýetçilik garaýşy ösdürmek çygrynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen hyzmatdaşlyk etmek maslahat berilýär.

21. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna ýigrenjiň nyşany bolan adamlary goldamak maksady bilen kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirýän ýigrenjiň wagyz edilmegine garşy işleri alyp barmak maslahat berilýär.

*Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri*

22. Döwlet we hususy köpçülikleýin habar beriş serişdelerine diňleýjilere obýektiw we anyk maglumatlary habar bermek, dürli dinleri we ynanç ulgamlaryny beýan etmek, şeýle hem negatiw stereotipleriň we ters pikirleriň ýalandygyny ýüze çykarmak arkaly dinleriň we ynançlaryň köpdürlüligine sarpa goýulmagyny pugtalandyrmak üçin mümkin bolan ähli tagallalary ýerine ýetirmek maslahat berilýär.

23. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine dine ýa-da ynançlara degişli jemgyýetçilik üçin aktual bolan temalary obýektiw we anyk beýan etmek maksady bilen meýletin ýörelgeleri we standartlary, mysal üçin žurnalistika etikasynyň kodeksini, işläp düzmek maslahat berilýär. Olar degişli materiallaryň ynamdar çeşmelerden alnan maglumatlara esaslanýan we dürli garaýyşlary görkezýän bolmagyny üpjün etmeli. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine şu ýörelgeleri we standartlary giňden ýaýratmak we öz işgärleri üçin degişli okuwlary geçirmek maslahat berilýär.

## 4.3 YBADAT WE ÝYGNAK ÝERLERINDE BARLAG, GÖZEGÇILIK HEM-DE AGTARYŞ ÇÄRELERI WE HOWPSUZLYK

Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň ybadat edýän ýa-da ýygnak geçirýän ýerlerine terrorizme alyp barýan radikallaşma we zorlugy goldaýan toparlara agza ýygnamak üçin amatly gurşaw hökmünde garalýar. Agza döwletler bu bolup biläýjek howpsuzlyk töwekgelçiligine birnäçe çäreler, şol sanda barlaglar, ybadat ýerlerine barýanlary sorag etme we gözegçilige alma ýaly çäreler arkaly jogap edip bilerler. Goşmaça jogap çäreleri häkimiýetlere bikanun işleriň subutnamalaryny gözlemek üçin gözleg rugsatnamasynyň berilmegine, şeýle hem käbir ýagdaýlarda polisiýa tarapyndan gözleg geçirilmegini öz içine alýar. Käbir ýagdaýlarda häkimiýet howpsuzlyk bähbitleri üçin belli bir ybadat ýerini ýapmak kararyny alýar.

*Din ýa-da ynanç azatlygy nukdaýnazaryndan ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerleriniň ähmiýeti nämeden ybarat?*

Işleri özbaşdak dolandyrmak, şol sanda ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerini dolandyrmak din ýa-da ynanç azatlygynyň bir bölegi bolup durýar hem-de din ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň garaşsyzlyklarynyň wajyp tarapydyr.

Din ýa-da ynanç azatlygy, ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere, hem-de şol ýerleriň abat saklanylmagy üçin jogapkär işgärlere dini ýa-da ynanç jemgyýetiniň durmuşynda belli bir orny berýän möhüm institusional ölçegi öz içine alýar. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerler şeýle jemgyýetleriň durmuşynda aýratyn wezipeleri ýerine ýetirýär. Adatça ol ýerler dine ynanýanlaryň jemgyýetiniň ýygnak geçirýän hem-de ygtykatlara we jemgyýetiň agzalarynyň ynançlaryna esaslanýan möhüm dabaralaryň geçirilýän ýeridir. Şeýle hem ol ýerler aýratyn şahslaryň ýa-da toparlaryň ybadat ýa-da dileg-doga edýän, oýlanma we meditasiýa edýän, şeýle hem bilim, sosial, medeni, haýyr-sahawat we ynsanperwer çäreleriniň geçirilýän ýerleri hökmünde hyzmat edip bilerler. Şunuň bilen baglylykda, ybadat edilýän we ýygnak

geçirilýän ýerlere, şeýle hem ol ýere hyzmat edýän dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň işgärlerine degip biljek islendik hereketlere takatly we oýlanyşykly çemeleşmelidir.

Mundan başgada, ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde erkekleriň we zenanlaryň öz din ýa-da ynanç azatlygyny dürli usullar arkaly amala aşyrýandygyny göz öňünde tutmak möhümdir. Mysal üçin, käbir dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlerde erkekler hem-de zenanlar bir ýerde duşuşýarlar we ybadat edýärler. Başga jemgyýetlerde, erkekler we zenanlar aýry ýerlerde ybadatyny we dileg-dogasyny ýerine ýetirýärler.

### *Aýry-aýry şahslaryň edýän bidüzgünçiliklerine jogap hökmünde ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerine girmegi çäklendirmek ýerlikli bolup bilermi?*

Kimdir birleriniň bidüzgünçilik hereketleri üçin jogapkärçilik tutuş bir dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan topara degişli edilmeli däldir. “Aýratyn bir agzanyň nädogry hereketleri sebäpli dini jemgyýetiň işine päsgel bermekden ýa-da işini bes etdirmekden saklanmalydyr. Şeýle hereketleri etmek, aslynda aýratyn şahsyýetleriň eden hereketleri üçin tutuş jemgyýete jeza berilmegini aňladýar”.[92]

Aýratyn şahsyýetleriň eden bikanun hereketleri üçin ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barylmagynyň çäklendirilmegi ýa-da doly ýapylmagy zerur ýa-da laýyk çäre hökmünde esaslandyrylyp bilinmez, çünki aýry şahsyýetiň ýa-da şahsyýetleriň kiçi toparynyň eden hereketleri üçin tutuş jemgyýete jeza berilmegi bolardy. Howpsuzlyk nukdaýnazaryndan şonuň ýaly ädimler ters netijäni hem berip biler, sebäbi döwlet tarapyndan edilen hereketler sebäpli olarda daşlaşma we öýke duýgulary ýaly ýaramaz netijeler döräp biler.

---

92 Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň hukuk subýektliligi boýunça gollanma, b. 34, (20-nji bellikde bellenip geçilen); şeýle-de seret: *Birleşmeleriň azatlygy boýunça gollanma, b. 236* (30-njy bellikde bellenip geçilen). Şeýle-de seret: Hukuk goraýjylary goramak boýunça gollanma, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2014ý., b. 209, https://www.osce.org/odihr/guidelines-on-the-protection-of-human-rights-defenders.

Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerleriň ýapylmagy jemgyýetiň durmuşyna we işjeňligine, şol sanda onuň jemgyýetçilik durmuşyna goşýan goşandyna hem ýaramaz täsirini ýetirip biler. Şeýlelikde, ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerini ýapmak karary alnan ýagdaýynda, bu proseduranyň hökmany ýagdaýda adam hukuklarynyň halkara kadalaryna, din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň çäklendirilmegine degişli hökmany şertlere laýyk gelmegini üpjün etmek zerurdyr.

Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler tarapyndan ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerleriň özbaşdak dolandyrylmagy, degişli ygtyýarlyklaryň kanuny çäklerde amala aşyryljakdygyna garaşýan döwletiň ynamyny göz öňünde tutýar. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerdäki hereketlere dykgatly gözegçilik etmek, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan anyk jemgyýetleriň borjudyr. Olar bu hereketlerde çydamsyzlyga, duşmançylyga we zorluga geçip gitmegiň alamatlarynyň bolmazlygyny hem-de şunuň bilen birlikde jemgyýetiň we umuman jemgyýetçiligiň howpsuzlygyny üpjün etmeli. Bu kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi aňladýan ýigrenji wagyz etmek, şeýle hem ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerde bar bolan islendik biriniň howpsuzlyga hakyky howp abandyrýan hereketleri babatynda hüşgärligi elden bermezligi aňladýar. Şunuň bilen baglylykda, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylarynyň kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi aňladýan ýigrenji wagyz edýän jemgyýetiň agzalaryny özlerinden uzaklaşdyrmak arkaly şonuň ýaly hereketlere garşy aýgytly we gaýragoýulmasyz çykyş etmegi möhümdir.[93]

### *Barlaglar we gözegçilik haýsy görnüşlerde bolup biler? Bu çäreler din ýa-da ynanç azatlygyny bozup bilermi?*

Barlag dürli görnüşlerde bolup biler, sol sanda, ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere girip-çykýan adamlary barlamak, şahsy

93 Beirut Declaration and its 18 Commitments on “Faith for Rights” [Beýrut Jarnamasy we “Adam hukuklary üçin ynanç” başlangyjynyň 18 borçnamasy], VII borçnama, www.ohchr.org/Documents/Press/Faith4Rights.pdf.

söhbetdeşlikleri geçirmek, şahsyýeti tassyklaýan resminamalary talap etmek, şahsy barlag ýa-da metal anyklaýjynyň gurnalmagy we ulanylmagy.

Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere gözegçilik etmek usullaryna wideo gözegçilik (CCTV) ulgamlarynyň ulanylmagy, gürrüňdeşlikleriň diňlenilmegi ýa-da beýleki elektron enjamlardan maglumatlaryň alynmagy degişlidir. Gözegçilik wagtlaýyn ýa-da hemişelik, açyk ýa-da gizlin bolup biler, ybadat edilýän ýerler bilen çäklenip biler ýa-da şonuň ýaly ýerlerde işini berjaý edýän ruhanylaryň ýaşaýan ýerlerini hem öz içine alyp biler.

Barlag we gözegçilik çäreleri aýry-aýry şahsyýetleriň şahsy we maşgala durmuşy hukugyndan, şeýle hem ybadat edilýän ýer nukdaýnazaryndan din ýa-da ynanç azatlygy hukugyndan peýdalanmagy babatynda ýaramaz täsir edip biler. Şu sebäpden şonuň ýaly çäreler häkimiýetler tarapyndan hökmany ýagdaýda kanuna laýyklykda geçirilmelidir. Esasan hem, bu gizlin gözegçilik alnyp barlanda has-da möhümdir. Amala aşyrylýan islendik çäreler hökmany ýagdaýda degişli ähli halkara adam hukuklary ýörelgeleriniň we milli kanunçylygyň talaplaryna laýyk bolmalydyr.

Şu nukdaýnazardan esasy kriteriý barabar bolmaklykdyr. Gizlin gözegçilik ýaly, islendik ýörite derňew usullary diňe iň soňky çäre hökmünde hem-de diňe şahsyýeti ýa-da şahsyýetleri heniz kesgitlenmedik bir ýa-da birnäçe adam tarapyndan agyr jenaýatyň edilendigi, taýýarlanylýandygy ýa-da taýýarlanylandygy barada ýeterlik esaslar bar bolan ýagdaýynda ulanylmalydyr.[94] Mundan başgada, şonuň ýaly serişdelerden hyýanatçylykly peýdalanylmajakdygyna ýeterlik we netijeli kepillikler bolmalydyr. Mysal üçin, gözegçilik çäreleri amala aşyrylanda mümkin bolsa kazyýet tarapyndan garaşsyz gözegçiligiň bolmagyny üpjün etmeli.

---

94 Has jikme-jik maglumatlar şu neşirlerden alnyp bilner: Terrorizme garşy göreşmek we adam hukuklaryny goramak: gollanma, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2009 (esasan hem s. 241–245), https://www.osce.org/odihr/29103; Antiterrorçylyk derňewlerde adam hukuklary: hukuk goraýjy edaralary tejribelik gollanmasy, Warşawa, ÝHHG-nyň DIAHE, 2014, s. 43, http://www.osce.org/odihr/108930.

Din ýa-da ynanç azatlygy nukdaýnazarynda, şunuň ýaly çäreler talabalaýyk esewanlyk we üns bilen berjaý edilmese, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň agzalary tarapyndan ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere gatnamaklaryny aňsatlyk bilen bozup biler. Jemgyýetiň agzalary barlagyň käbir görnüşlerine, mysal üçin şahsy barlaga, ýaramaz garap bilerler we alada ýa-da gorky ýaly duýgulary sebäpli ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barmagyny bes edip biler. Netijede, olaryň dini binalara erkin girip-çykmak hukugyny öz içine alýan din ýa-da ynanç azatlygy esassyz çäklendirilip bilner.

Barlaglaryň we gözegçiligiň din ýa-da ynanç azatlygynyň amala aşyrylmagyna edýän täsirini nazara alyp, agza döwletler bu azatlygy çäklendirmekde göz öňünde tutulan şertleri gyşarnyksyz berjaý etmelidir hem-de amala aşyrylýan çäreleriň hakykatdan hem zerurdygyny we bolup biljek howpsuzlyga abanýan howpa barabardygyny elmydama görkezmelidir. Döwletler barlaglary we gözegçiligi amala aşyrmaklyga ygtyýarly edaralaryň işgärleriniň, ybadat edilýän ýa-da ýygnak geçirilýän ýerlere barýan adamlara garşy ýeterlik derejede seresaplylyk bilen hereket etme endikleriniň bolmagy üçin dinler çygrynda hem-de din ýa-da ynanç azatlygy meselelerinde bilimleriniň ýeterlik bolmagyny üpjün etmelidirler. Şeýle hem hökümet wekilleri barlag ýa-da gözegçilik çärelerini amala aşyrmaga başlamazdan öň, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler bilen gepleşikleri ýola goýmaga synanyşmalydyrlar,[95] we mümkin boldugyça şunuň ýaly gözegçilik çärelerini jemgyýetiň razyçylygy we onuň bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrmalydyrlar.

Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýere barýan adamalaryň barlagy we gözegçiligi arkaly ýygnalan maglumatlar diňe bellenilen maksat üçin ulanylmalydyr we kanun boýunça şunuň ýaly maglumatlary almaga, işlemäge we ulanmaga ygtyýary bolmadyk başga taraplara elýeter bolmaly däldir. Şeýle hem, şunuň ýaly maglumatlar kanunda

---

95 2013-nji ýylda Kiýewde ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşi gatnaşyjy döwletleri dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler bilen hökümet edaralarynyň arasynda, şol sanda zerur ýerlerde ybadat ýerlerini we dini emläkleri ulanmak bilen baglanyşykly gepleşikleri ösdürmäge çagyrdy; Kiýew MG-niň 3/13 belgili Karary (8-nji bellikde bellenip geçilen).

göz öňünde tutulan wagtyň çäklerinde saklanmaly we wagty gutaranda gaýragoýulmasyz ygtybarly we howpsuz usulda ýok edilmelidir.[96]

### *Agtaryşlary haçan geçirmek gerek?*

Halkara adam hukuklary kanunlaryna laýyklykda döwlet tarapyndan girizilen çäklendirmeler din ýa-da ynanç azatlygyny ýerine ýetirmeklige mümkin boldugyça az gatyşmaklygy göz öňünde tutmalydyr. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerleri agtarmak dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetiň durmuşyny düýpli bozup biljek hem-de şunuň ýaly jemgyýetler babatynda adalatyň we hormatyň kepili hökmünde bolmaly döwlete bolan ynamyny sarsdyryp biljek adatdan daşary çäredir. Şonuň üçin hem, agtaryş çäräni ulanyljak iň soňky çäre hökmünde göz öňünde tutmalydyr.

Egerde, ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerde jenaýat işiniň işlenýändigine ýa-da taýýarlanýandygyna ýeterlik subutnama bar bolsa, onda olar ýaly ýerler agtarylmakdan boşadylmaýar. Ýöne muňa garamazdan, geçiriljek agtaryş işi ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerde alnyp barylýan işlere mümkin boldugyça az päsgelçilik bermelidir. Mundan başgada, eger agtaryşyň maksatlaryna zyýan ýetmejek bolsa, onda agtaryş işi ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýere jogapkär adamlaryň razyçylygy bilen we olaryň hyzmatdaşlygynda hem-de olaryň ýanynda geçirilmelidir. Şol bir wagtyň özünde-de, hökümetiň wekilleri dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan degişli jemgyýetler bilen aç-açan we aýdyň gepleşikler alyp barmalydyrlar.[97]

---

96 87-nji bellikde bellenip geçilen: Adam hukuklaryny goraýjylary goramak boýunça gollanma, b. 87. Şeýlede seret: "Şahsy maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan usulda işlenmegi babatynda gözegçilik edaralary we maglumatlaryň serhetara akymy boýunça şahsyýetleri goramagyň konwensiýasynyň goşmaça protokoly", Ýewropa Geňeşi, CETS № 108, 1985-nji ýylyň 1-nji oktýabry, https://www.coe.int/en/web/conventions/full-list/-/conventions/treaty/108; we "Şahsy maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan usulda işlenmegi babatynda şahsyýetleri goramagyň konwensiýasyna Goşmaça Teswirnama", Ýewropa Geňeşi, CETS № 1811, 2004-nji ýylyň iýuly, https://www.coe.int/en/web/conventions/full-list/-/conventions/treaty/181.

97 8-nji bellikde bellenip geçilen Kiýewdäki MG-niň 3/13 belgili karary

Belli bir ybadat edilýän ýa-da ýygnak geçirilýän ýere barýan adamlaryň gözlegi we barlagy howpsuzlygy üpjün etmek üçin belli bir ýagdaýlarda zerur bolup biler, şol bir wagtyň özünde hem bu çäreler islenilmeýän netijelere getirip biler. Gürrüň stereotipleriň döremegi, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan tutuş jemgyýetleriň stigmatizasiýasy, şeýle hem döwlet häkimiýetiniň hem-de ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barýan adamalaryň arasynda ikitaraplaýyn ynanmazçylyk duýgusynyň döremegi barada gidýär. Netijede, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetiň agzalarynda hökümete garşy öýke duýgusy we hyzmatdaşlyk etmezlik islegleri döräp biler. Şunuň ýaly ynanmazçylyk ortamöhletleýin we uzakmöhletleýin geljekde howpsuzlygyň gowşamagyna getirip biler.

### *Barlagda, gözegçilikde we agtaryşda haýsy gender meseleleri göz öňünde tutulmaly?*

Barlag, gözegçilik we agtaryş ýaly çäreler möhüm gender meselelerini orta çykarýar. Mysal üçin, belli bir ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýere barýan barlag we gözegçilik edilmeli adamlaryň beýanlary kemsidiji we hakyky howpsuzlyk meselelerine degişli bolmadyk stereotipli jynsy çaklamalara görä taýýarlanyp bilner. Käbir ýagdaýlarda, erkekler şahsyýetini anyklamak we sorag edilmek çärelerinde has artykmaç nyşana alynýar. Başga tarapdan seredenimizde, şahsyýetini anyklamak çärelerinde zenanlara ýüzüni ýa-da başyny ýapýan eşiklerini çykarmaklaryny talap etmek bilen artykmaç täsir edilip bilner. Şunuň ýaly wakalar netijesinde erkekler we zenanlar dürli sebäpler boýunça ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere gelmekden saklanyp bilerler. Netijede şular ýaly ýerlere olaryň maşgala agzalary-da, esasan hem eger bu erkekler we zenanlar ata-ene bolsalar, gelmekden mahrum bolup bilner.

Şeýlelikde, döwletler barlag we gözegçilik ýa-da agtaryş çärelerini geçirmek meselelerine seredeninde gender sebäpli kemsitmeleriň töwekgelçiligini göz öňünde tutmaly we dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler bilen gepleşik arkaly bu çärelerden gaça durmaga ýa-da olary mümkin boldugyça az geçirmäge ymtylmaly.

Şahsyýetini anyklamak üçin egin-eşikleriň çykarylmagy baradaky talaplar ýa-da howpsuzlyk maksatlary üçin agtaryş geçirmek babatynda umumy düzgün, şeýle çäreleriň barlanýan adam bilen bir jynsdaky howpsuzlyk gullugyň işgäri tarapyndan we ýapyk ýerde geçirilmeginden ybaratdyr. Şeýle hem häkimiýet edaralary, belli bir jynsa degişli ynanýanlar üçin niýetlenen otaglarda agtaryş çäresini geçirýänleriň hem şol bir jynsa degişli bolmagyny üpjün etmeli.

## Maslahatlar

*Agza döwletler*

1. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ybadat edýän we ýygnak geçirýän ýerlerinde barlaglary, gözegçiligi (şol sanda açyk we gizlin gözegçilik) we agtaryşlary geçirmek boýunça resminamalarda berkidilen düzgünleriň bolmagyny üpjün etmeli. Bu düzgünler degişli proseduralary göz öňünde tutmaly we wagtly-wagtyna täzeden seredilmeli. Açyk geçirilýän gözegçiligiň proseduralary köpçülige elýeter bolmaly.

2. Agza döwletler dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ybadat edýän we ýygnak geçirýän ýerlerinde barlag, gözegçilik we agtaryş işlerini geçirmegiň düzgünleriniň ulanylýan adam hukuklarynyň halkara standartlaryna we milli kanunçylygyň talaplaryna gabat gelmegini üpjün etmeli.

3. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde barlag we gözegçilik düýpli zerurlyk bolanda we iň soňky çäre hökmünde ulanylmaly, olar mümkin boldugyça az derejede gatyşmaly we çak edilýän howpa barabar bolmaly.

4. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde barlag we gözegçilik mümkin bolsa, dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetiň razyçylygy bilen geçirilmeli. Hökümet bu çäreleri ýerine

ýetirmezden ozal, zorlugy we howpsuzlyga abanýan howpy bu jemgyýet bilen deň hasaplamaýandygyny yglan etmeli.

5. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barýan adamlaryň barlagyny we gözegçiligini geçirmezden öň, agza döwlet dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylary bilen, şol ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerde kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirýändigi güman edilýän şahsyýetler barada öz aladalaryny maslahatlaşmaly.

6. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde barlag we gözegçilik çärelerini geçirmezden öň, agza döwlet howpsuzlyk meselelerini has netijeli çözmek üçin ilkibada gatyşmaklyk derejesi az bolan çäreleri ulanmak mümkinçiligini öwrenmek maksady bilen dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler bilen gepleşiklere başlamaly.

7. Barlag we gözegçilik çäreleri ulanylan ýagdaýynda, döwlet bu çäreler amala aşyrylýan wagty we tamamlanyndan soňra jemgyýet tarapyndan döwlet institutlaryna ynamynyň dikeldilmegine gönükdirilen gepleşikleriň geçirilmegini we başlangyçlaryň amala aşyrylmagyny üpjün etmeli.

8. Agza döwletler barlaglary, gözegçiligi we agtaryşlary geçirmäge ygtyýarly edaralaryň işgärleriniň dinler hem-de din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça bilim taýýarlygyny üpjün etmeli. Hökümetler bu işgärlerde ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barýan adamlar bilen seresaply hereket etmek we olaryň mertebesine hem-de din ýa-da ynanç azatlyklaryna sarpa goýmak endikleriniň kemala gelmegini üpjün etmeli.

9. Agza döwletler hukuk goraýjy edaralaryň we howpsuzlyk gulluklaryň işgärleriniň ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde barlag, gözegçilik we agtaryş çärelerini ýerine ýetirýän wagtynda berjaý etmeli ýörelgeleri beýan edilen gollanmalary işläp düzmeli.

10. Agza döwletler ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlerde barlag, gözegçilik we agtaryş çärelerini ýerine ýetirýän işgärleriň erkeklere we zenanlara aýratynlykda degişli meseleler, şol sanda erkekleriň we zenanlaryň şol ýerlerde din ýa-da ynanç azatlygyny tapawutly usullarda amala aşyrýandygy barada habardar we bu meseleleri çözmäge öwredilen bolmagyny üpjün etmeli.

11. Agza döwletler barlag, gözegçilik we agtaryş çärelerine sezewar bolan adamlar üçin netijeli şikaýat etme prosedurasynyň elýeter bolmagyny üpjün etmeli.

12. Agza döwletler belli bir ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerlere barýan adamlaryň barlagy, gözegçiligi we agtarylmagy netijesinde alnan maglumatlaryň, şahsy maglumatlary ýygnamak, goramak we ulanmak çygrynda ulanylýan halkara standartlara laýyklykda işlenilmegini üpjün etmeli .

13. Ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerleriň ýapylmagynyň ýaramaz netijelerini göz öňünde tutup, agza döwletler bu çäreleri iň soňky çäre hökmünde belli bir ýagdaýlarda hem-de wajyp zerurlyk ýüze çykanda ulanmaly. Bu çäre diňe howpsuzlyk meselelerini çözmek üçin alternatiw çemeleşmelere garalandan we belli bir din ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler bilen ara alnyp maslahatlaşylandan soň ulanylmaly.

*Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler*

14. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi aňladýan ýigrenji wagyz etmek babatynda, şeýle hem ybadat edilýän we ýygnak geçirilýän ýerde bar bolan islendik biriniň howpsuzlyga hakyky howp abandyrýan hereketleri babatynda hüşgärligi elden bermezlik maslahat berilýär.

15. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylaryna kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi

aňladýan ýigrenji wagyz edýän jemgyýetiň agzalaryny özlerinden uzaklaşdyrmak arkaly şonuň ýaly hereketlere garşy aýgytly we gaýragoýulmasyz çykyş etmekleri maslahat berilýär.

*Raýat jemgyýetçiligi*

16. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi aňladýan ýigrenjiň wagyz edilmegine garşy çykyş edýän dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylarynyň tagallalaryna goldaw bermek maslahat berilýär.

17. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna ýigrenjiň nyşany bolýanlara goldaw berip çykyş etmek arkaly kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmekligi aňladýan ýigrenjiň wagyz edilmegine garşy hereket etmek maslahat berilýär.

*Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri*

18. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlerde bolup geçýän hadysalary sensasiýa öwürmek ýa-da öz bähbidiňe ulanmakdan saklanmak maslahat berilýär. Mysal üçin, haýsam bolsa bir ybadat edilýän ýa-da ýygnak geçirilýän ýerde barlag, gözegçilik ýa-da agtaryş çäreleri geçirilse, bu ýagdaý jemgyýetiň bikanun hereketiniň subutnamasy hökmünde beýan edilmeli däldir. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri aýry şahsyýetleriň ýa-da toparlaryň etmişlerini tutuş jemgyýetiň hereketleri bilen garyşdyrmazdan şunuň ýaly meseleleriň öwrenilmegi we etiki usulda beýan edilmegi üçin ähli tagallalary etmelidirler.

## 4.4. ÖZ DINIŇI KABUL ETDIRMEKLIGE WE DAŞARY ÝURTLAR BILEN BAGLANYŞYGY BOLAN DINI ÝA-DA BELLI BIR YNANÇLARA UÝÝAN JEMGYÝETLERIŇ IŞINE ÇÄKLENDIRMELER

ÝHHG sebitinde zorlukly däl ynandyrmalaryň üsti bilen başgalary öz dinlerine çekmek üçin tagallalar edýän käbir dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler köpçülik tarapyndan yzarlamalara we duşmançylyga sezewar bolup bilerler. Şu sebäpden, agza-döwletler şonuň ýaly işlere jemgyýetçilik tertibini we dinara utgaşygy bozýan hem-de bilelikdäki parahatçylykly durmuşa howp salýan hökmünde garap bilerler. Muňa jogap edip, käbir ýagdaýlarda döwletler zorlukly däl ynandyrmalaryň üsti bilen başgalary öz diniňe çekmek boýunça edilýän tagallalary çäklendirýän ýa-da diniňi we ynançlaryňy çalyşmak hukugyndan peýdalanmaklygy kynlaşdyrýan çäreleri amala aşyrýarlar. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler daşary ýurtly missionerleri kabul etse ýa-da olaryň daşary ýurtlarda tanyşlyklary ýa-da dolandyrýan ýokary guramalary bar bolsa, ýerli gurşawda täze görnüşli dini we beýleki tejribeleriň ýüze çykmagy babatynda şübhelenmeler güýçlenip biler. Şunuň ýaly ýagdaýlarda döwlet tarapyndan jogap çäreleri hökmünde daşary ýurtly missionerler ýurtdan çykarylyp bilner.

### *Zorlukly däl ynandyrma nämedir?*

Bu resminamada "zorlukly däl ynandyrma" adalgasy başga adamlara zorluk, gorky, haýbat atma we beýleki bikanun basyş çärelerini ulanmazdan öz diniňi kabul etdirmek maksady bilen ulanýan hereketlerini beýan etmek üçin ulanylýar.[98] "Prozelitizm" adalgasy ýeterlik derejede kesgitli bolmandygy we ýaramaz manysynyň bolanlygy üçin bu resminamada ulanylmaýar. Bu resminamada "missioner" adalgasy esasy

98 "zorlukly däl ynandyrma" adalgasynyň düşündirişi üçin seret: Din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite hasabatçysynyň hasabaty, BMG-niň Baş Assambleýasy, UN Doc. A/67/303, 2012-nji ýylyň 13-nji awgusty, https://undocs.org/A/67/303.

wezipesi öwretmek, wagyz etmek we beýleki usullar arkaly başga dinlere uýýan ýa-da hiç bir dine uýmaýan adamlaryň we/ýa-da jemgyýetleriň arasynda din barada şaýatlyk etmek we ony wagyz etmek bolan adam babatynda ulanylýar. Missionerlik işleri belli bir adamlar ýa-da belli bir toparlar ýa-da jemgyýetler bilen çäklenmeýär.

### *Diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek azatlygy nämedir?*

Öz diniňi ýa-da ynanjyňy kabul etmek ýa-da üýtgetmek ýa-da olardan ýüz öwürmek hukugy hökmünde düşünilýän diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek hukugy, halkara kanunçylygyna laýyklykda absolýut goragdan peýdalanýandyr, çünki ol her bir adamyň içki din ýa-da ynanjy azatlygynyň ölçegine (forum internum) degişlidir. Şeýle-de, öz diniňi ýa-da ynanjyňy çalyşmak hukugy ÝHHG-nyň borçnamalarynda hem ykrar edilendir.[99] Jenaýat ýa-da raýat-hukuk sanksiýalary ýa-da agyr administratiw çäreleri, mysal üçin häkimiýet wekilleriniň diniňi üýtgetjekdigiň barada öňünden olary habardar etmek ýa-da olardan rugsat almak baradaky talaplary, öz diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek hukugyny çäklendirmäge gönükdirilen islendik kadalaşdyryjy namalar öz islegiň boýunça dini ýa-da ynanjy kabul etmek, hiç bir dine uýmazlyk we wagyz etmezlik ýa-da öz diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek hukugynyň absolýut häsiýetine ters gelýändir.

### *Din ýa-da ynanç azatlygynyň we öz pikirleriňi erkin beýan etme azatlygynyň bir bölegi hökmünde zorlukly däl ynandyrma bilen meşgullanmak hukugy nämedir?*

Adamlaryň başgalar babatynda zorlukly däl ynandyrma işine gatnaşmak hukuklary bardyr; bu hukuk din ýa-da ynanç azatlygy hukugynyň bir bölegidir. Dini ýa-da dini däl ynançlaryňy wagyz etmek hukugy öz içine başga adamlara öz dünýägaraýşyňy we bu dünýägaraýyşlaryň hem-de manyly we hakyky durmuşy ýaşamak üçin bu dünýägaraýyşlar bilen bagly tejribeleriň wajyplygyny kabul etdirmäge synanyşmaklygy

---

99 Kopengagen Resminamasy 1990, Kiýew Resminamasy 2013.

öz içine alýar. Şol bir wagtyň özünde, dine uýýan adamlaryň köpüsi üçin öz dinini başga adamlaryň arasynda wagyz etmek dini parzy bolup durýar. Zorlukly däl usul arkaly başga adamlary ynandyrmaklyk hukugy "döwlet serhetlerine garamazdan, dilden, hat ýa-da neşir üsti bilen ýa-da beýan etmegiň çeperçilik usullary arkaly ýa-da öz islegiň boýunça başga usullar bilen her dürli maglumatlary we pikirleri gözlemek, almak we ýaýratmak hukugyny"[100] öz içine alýan pikirleriňi beýan etmek azatlygy hukugynda göz öňünde tutulan goragdan peýdalanýar.

Şeýle hem, din ýa-da ynanç azatlygy hiç bir dine ýa-da ynanja uýmazlyk, dinlere ýa-da ynançlara biparh garamak we haýsam bolsa bir dini kabul etdirilmegiň nyşany bolmazlyk hukugyny öz içine alýar. Bu hukuk *"forum internum"-yň* bir bölegi bolup, absolýut goragdan peýdalanýandyr.

Aragatnaşyk arkaly başga adamlary dini ýa-da ynanç ugrundaky meseleler boýunça ynandyrmaga synanyşmak hukugy absolýut häsiýete eýe däldir we belli bir ýagdaýlarda çäklendirilip bilner, esasan hem, şunuň ýaly synanyşyklar ýaş aýratynlygy (mekdep ýaşyndaky ýaşlara) ýa-da psihiki ýarawsyzlygy sebäpli ejiz bolan şahsyýetlere gönükdirilen ýagdaýlarynda. Şeýle hem, mejbur etmeklige deň bolan usullar arkaly ynandyrmaklyga umumy çäklendirmeler bolup biler. Mundan başgada, egerde iýerarhiki gatnaşyklar barada gürrüň edilýän bolsa, mysal üçin dolandyryjy derejedäki adama tabyn bolan adamyň öz dinini kabul etdirmeginden ýüz öwürip bilmeýän ýagdaýlarynda aýratyn çemeleşme ulanylyp bilner.

Şunuň bilen birlikde, döwletiň ynandyrmagyň talabalaýyk we talabalaýyk däl usullaryny tapawutlandyrmak boýunça tagallalary kynçylyk bilen bagly bolup biler we din ýa-da ynanç babatyndaky aragatnaşyklara çäklendiriji täsirini ýetirip biler. Zorlukly däl ynandyrma babatynda giriziljek çäklendirmeler diňe RSHHŞ-nyň 18(3)-nji maddasynda görkezilen şertlere gabat gelen ýagdaýynda dogry bolup biler. Bu "islendik çäklendirmeler ýuridiki taýdan esaslandyrylan, kanunalaýyk maksada gönükdirilen, çürt-kesik we anyk kesgitlenen we barabar

100 RSHHŞ, 19-njy madda.

bolmalydygyny hem-de kemsidiji görnüşinde ulanylmaly däldigini" aňladýar.[101] Döwletiň şonuň ýaly işleriň käbir usullarynyň mejbur etmeklik bilen deňdigi barada anyk hakyky subutnamalary bermegi wajypdyr, çünki şeýle bolmadyk ýagdaýda dini ýa-da ynanç temalary boýunça gürrüňe parahatçylykly çakylyklar hem jenaýat jogapkärçiligine ýa-da çäklendirmelere degişli bolup biler.

Ýakynda döredilen we uly bolmadyk dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler tarapyndan amala aşyrylýan zorlukly däl ynandyrma ugrundaky tagallalar babatyndaky şübheler syýasatçylar tarapyndan howpsuzlygy we sosial durnuklylygy üpjün etmek bahanasy bilen bu jemgyýetleriň işlerini bikanun çäklendirmek üçin ulanylyp bilner. Şonuň ýaly jemgyýetler, "dini duýgularyň kemsidilmegi" hasaplanýan we tutuş jemgyýetçiligiň adaty gymmatlyklary we kadalary bilen utgaşmaýan hasaplanýan, "alternatiw hakykatlary" wagyz etmek ýa-da islenmeýän dini çykyşlar etmek bilen howpsuzlyga howp abandyrmakda günäkärlenip bilner. Netijede, bu jemgyýetler ýol berip bolmajak dini ýa-da ynanç azatlygynyň çäklendirilmegine sezewar bolup biler. Bu ýagdaýda, zorlukly däl görnüşde öz dinini kabul etdirjek bolýan bu adamlar ýa-da jemgyýetler özlerine garşy duşmançylyga we zorluk salmalara sebäp bolup biljek ters pikirleriň, şübheleriň we ýaramaz stereotipleriň nyşanyna öwrülip biler.

Öz diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek hem-de başga adamlara zorlukly däl görnüşde öz diniňi kabul etdirmek hukugyny erkin we doly amala aşyrmak üçin döwlet hukuk çäklerini we sosial şertleri döretmäge borçludyr. Bu beýlekiler bilen bir hatarda, adamlaryň öz dinini ýa-da ynanjyny üýtgetmek hukugyny (ýagny dini ýa-da ynanjy kabul etmek, uýmagy bes etmek ýa-da üýtgetmek hukugy), şeýle hem başgalara zorluk salmazdan öz dinini kabul etdirmek boýunça iş alyp barýan şahsyýetleri we jemgyýetleri zorlukdan, gorkudylmadan, yzarlanmadan we kemsidilmeden döwletiň goramaga borçludygyny aňladýar.

---

101 98-nji bellikde bellenip geçilen Din ýa-da ynanç azatlygy meseleleri boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite hasabatçysynyň hasabaty, b. 28.

Adamlar täze pikirler barada habarly bolmaga, maglumatlary ýaýratmaga we almaga mümkinçilik döredilen ýagdaýynda, din ýa-da ynanç azatlygyny doly manyda amala aşyrmak mümkindir. Häzirki wagtda bolup geçýän aragatnaşyk mümkinçilikleriniň giňemegi, şeýle hem onuň bilen baglanyşykly jogap hereketleri modellerinde üýtgeşmeler nukdaýnazaryndan, döwlet we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar dinleriň we ynançlaryň plýuralizmine esaslanýan howpsuzlyga we sosial jebislige goldaw bermäge ymtylmalydyrlar. Döwletleriň "plýuralizmiň gutulgysyz netijelerine" bolan jogap hereketlerini maslahatlaşmagyň netijesinde Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti şeýle diýip belledi: "şeýle ýagdaýlarda hökümetleriň roly demokratik tejribeden plýuralizmi ýok etmek arkaly dartgynly ýagdaýyň sebäbini aradan aýyrmak däl-de, eýsem bäsdeş bolan toparlaryň bir-birine çydamly bolmagyny üpjün etmekden ybaratdyr".[102]

Şeýle-de, agdyklyk edýän ýa-da täsiri uly dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler täze jemgyýetleriň peýda bolmagynda ýa-da ösmeginde howp görüp biler, we başga dini kabul etmek bilen baglylykda olaryň muňa jogap hereketleri jemgyýetçilik tertibiniň bozulmagyna, mysal üçin köpçülikleýin çykyşlara getirip biler. Şu nukdaýnazardan, döwletler jemgyýetçilik tertibini saklamak üçin ediljek çäreleriň, ruhlandyrylan protestleriň ýa-da çak edilýän meçewe jogap hereketleriniň täsiri astynda kabul edilmezligini üpjün etmelidir. Çünki bu ýagdaý din ýa-da ynanç azatlygynyň kanuny ýol bilen amala aşyrylmagyny esassyz ýa-da kanuna ters gelýän görnüşde çäklendirilmegine getirip biler.

*Missionerlik işini alyp barýan daşary ýurtly raýatlar ýa-da dindarlar babatynda howpsuzlyk bilen bagly aladalaryň azaldylmagy üçin näme edip bolar?*

Adatça daşary ýurtly raýatlaryň ýa-da dindarlaryň (*daşary ýurtly missionerler*) öz dinini kabul etdirmek boýunça alyp barýan işleri howpsuzlyk nukdaýnazaryndan hiç hili mesele döretmeýär, hatda eger bu

102 Serif v. Greece [Serif Gresiýa garşy], Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti, (38178/97 belgili ýüzlenme, 1999-njy ýylyň 14-nji dekabryndaky 14 belgili çözgüt), b. 53

adamlar ýerli ynanýanlara garanyňda öz hereketlerinde has ynandyryjy we täsirli bolsalar hem.

Haýsy hem bolsa bir şahsyýetlere belli bir dine ýa-da ynançlar ulgamyna degişli bolandygy sebäpli olaryň ýurda gelmegini we ýaşamagyny çäklendirmeli däl. Kadadan çykma bolup biler, eger-de bu adamlaryň öň dini kabul etdirmek üçin mejbur ediji hereketler ýa-da kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmäni aňladýan ýigrenji wagyz edendikleri barada subutnamalar bar bolsa ýa-da olaryň şonuň ýaly hereketleri kabul edýän ýurduň çäginde etmäge meýilleşdirýändikleri barada subutnamalar bar bolsa. Haçanda ýurda girmek üçin wiza talap edilýän bolsa, wiza almak kadalary ýurda girmek isleýän adamyň özi hakynda maglumat bermegini göz öňünde tutýar, bu bolsa ol adamyň öz ýurdunda nähili hereket edendigini anyklamaga kömek edýär. Adatça şunuň ýaly çäreler daşary ýurtly raýatlaryna, şol sanda dindarlara degişli ähli meseleleriň çözülmegi üçin ýeterlikdir. Howpsuzlyk babatyndaky şübheler wiza almak üçin ýüztutmalaryň has jikme-jik barlanylmagyny talap edip biler, ýöne daşary ýurtly dindarlaryň ählisine ýurda gelmeklerini umumy gadagan etmek zerurlyk kriteriýlerine laýyk gelýän däldir.

## Maslahatlar

*Agza döwletler*

1. Agza döwletler howpsuzlyk babatyndaky şübheleri sebäpli halkara kanunçylygyna laýyklykda absolýut gorag astynda bolan diniňi ýa-da ynanjyňy üýtgetmek (dini ýa-da ynanjy kabul etmek, uýmagy bes etmek ýa-da üýtgetmek) hukugyny çäklendirmeli däldirler. Şunuň bilen baglylykda, bu hukugyň amala aşyrylmagyna päsgelçilik döredýän ýa-da kynlaşdyrýan jenaýat, raýat-hukuk we administratiw çäreleriň ählisi ýatyrylmalydyr.

2. Agza döwletler dini täze kabul eden adamlary özleriniň din ýa-da ynanç azatlygyndan doly manyda peýdalanyp bilmekleri üçin olary

zorluk salmalardan, yzarlamalardan, gorkuzmalardan ýa-da kemsitmelerden goramalydyrlar.

3. Agza döwletler öz dinini zorlukly däl görnüşde kabul etdirmek boýunça işleri alyp barýan dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň hukuklarynyň islendik çäklendirmeleriniň RSHHŞ-nyň 18(3) maddasynda bellenilen talaplara gabat gelmegini üpjün etmelidirler, (mysal üçin, şolar ýaly hereketleriň mejbur etme häsiýetine eýediginiň ýa-da kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirýändiginiň subutnamasy bolmaly).

4. Agza döwletler gepleşikleriň we hyzmatdaşlygyň kömegi bilen öz diniňi kabul etdirmek işi bilen bagly islendik dartgynly ýagdaýlaryň ýa-da aladalaryň aradan aýrylmagy üçin dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetleriň edýän tagallalaryna goldaw bermelidir.

5. Agza döwletler hukuk goraýjy edaralaryň we howpsuzlyk gulluklaryň işgärleriniň, şeýle hem beýleki wezipeli işgärleriň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiren wagtlarynda adamlaryň öz dinini ýa-da ynanjyny üýtgetmek hukugyna hem-de zorluk salmazdan beýleki adamalara öz dinini kabul etdirmek tagallalaryna sarpa goýmaklary üçin zerur bolan taýýarlygy we tabşyryklary almaklaryny üpjün etmeli.

6. Agza döwletler daşary ýurtly raýatlara, şol sanda dindarlara belli bir dine ýa-da ynançlar ulgamyna degişli bolandygy sebäpli olaryň ýurda gelmegini ýa-da ýaşamagyny çäklendirmeli däl. Kadadan çykma bolup biler eger-de bu adamlaryň öň dini kabul etdirmek üçin mejbur ediji hereketler ýa-da kemsitmeklige, duşmançylyga we zorluga öjükdirmäni aňladýan ýigrenji wagyz edendikleri barada subutnamalar bar bolsa ýa-da olaryň şonuň ýaly hereketleri kabul edýän ýurduň çäginde etmäge meýilleşdirýändikleri barada subutnamalar bar bolsa. Ýurda gelmeginiň ýa-da ýaşamagynyň islendik çäklendirmeleri hökmany ýagdaýda milli kanunçylyga doly gabat gelmelidir.

*Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetler*

7. Dini ýa-da belli bir ynanja uýýan jemgyýetler, şol sanda olaryň ýolbaşçylary dini ýa-da ynanjy üýtgetmek, edil şonuň ýaly-da dini ynançlary ateizme ýa-da agnostisizme üýtgetmek ýa-da tersine, hukugynyň absolýut hukuk goragynyň astynda bolan din ýa-da ynanç azatlygynyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýandygyny kabul etmeli.

8. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň ýolbaşçylary adaty gymmatlyklary goramak we sosial jebisligi üpjün etmek bahanasy bilen başgalaryň öz dinini kabul etdirmek hukugynyň çäklendirilmegine çagyrmakdan saklanmalydyrlar.

9. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere başga şahsyýetleriň din ýa-da ynanç azatlygyna sarpa goýýan hem-de şonuň ýaly tagallalar edilýän medeni we sosial tarapyny hasaba alýan dinini kabul etdirme usullaryny ösdürmek maslahat berilýär; şeýle hem ynanýanlara başga adamlaryň saýlawyna hormat goýýandygyny görkezýän usullary ulanmagy öwretmek maslahat berilýär.

10. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere, şeýle hem dinara edaralara we geňeşlere zorlukly däl görnüşde öz diniňi we ynanjyňy ýaýratmak meseleleri boýunça özüňi alyp barmagyň meýletin kodekslerini we gollanmalaryny işläp düzmek maslahat berilýär.

11. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetlere zorlukly däl görnüşde öz diniňi we ynanjyňy kabul etdirmek bilen bagly islendik dartgynlygy we şübheleri gepleşikleriň we hyzmatdaşlygyň üsti bilen resmi we resmi däl şertlerde aradan aýyrmak boýunça tagallalary amala aşyrmak maslahat berilýär. Döwletlere bu tagallalara ýardam etmek maslahat berilýär.

Raýat jemgyýetçiligi üçin

12. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň öz dinini kabul etdirmegi bilen baglanyşykly islendik dartgynlyklary we wehimleri aradan aýyrmak üçin edýän tagallalarynda raýat jemgyýetçilik guramalaryna gepleşikler we hyzmatdaşlyk arkaly goldaw bermek maslahat berilýär.

13. Dini ýa-da belli bir ynançlara uýýan jemgyýetleriň öz dinini ýa-da ynanjyny zorluk salmazdan kabul etdirmek meseleleri babatynda meýletin kodeksleri ýa-da gollanmalary işläp taýýarlamak boýunça alyp barýan tagallalarynda raýat jemgyýetçilik guramalaryna goldaw bermek maslahat berilýär.

14. Raýat jemgyýetçilik guramalaryna zorluk salynmaklyga, gysylmaklyga, gorkuzylmaklyga ýa-da kemsidilmeklige sezewar bolma howpy bolan dini täzelikde kabul edenleriň din ýa-da ynanç azatlygyndan doly derejede peýdalanyp bilmekleri üçin, olaryň ýagdaýyna aýratyn üns bermek we olara degişli goldaw bermek maslahat berilýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin

15. Döwlet we hususy köpçülikleýin habar beriş serişdelerine dini kabul etdirmeklige, şol sanda dini täzelikde kabul edenleriň öz din ýa-da ynanç azatlygyndan peýdalanma hukugyna degişli hakykatçyl we anyk maglumatlary taýýarlamak maslahat berilýär.

Office for Democratic Institutions and Human Rights

OSCE ODIHR